**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– HER ÝYLYŇ 25-nji MAÝYNDA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ GÜNÜNIŇ BELLENILMEGI TÜRKMEN PAÝTAGTYNYŇ ÝAŞAÝJYLARY ÜÇIN GUWANDYRYJY WAKALARYŇ BIRIDIR. GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP WATANYMYZYŇ PAÝTAGTY AŞGABAT TUTUŞ ÝURDUMYZDA GAZANYLÝAN ÜSTÜNLIKLERIŇ, ÝETILÝÄN BELENT SEPGITLERIŇ AJAÝYP MYSALYDYR.**


# ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
26-njy maý, 2026. Belgisi 22/1692




# ÝURDUMYZY DURMUŞ-YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRMEK BOÝUNÇA NETIJELI IŞLER ALNYP BARYLÝAR

***22-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.***

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Türkmenistanyň 2027-nji ýyl üçin Döwlet býujetini işläp düzmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, geljek ýyl üçin Döwlet býujetiniň, Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň we maýa goýum Maksatnamasynyň taslamalaryny öz wagtynda işläp düzmek maksady bilen, Türkmenistanyň 2027-nji ýyl üçin Döwlet býujetini düzmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň taslamasy taýýarlanyldy.

Geljek ýylda ýurdumyzyň makroykdysady ýagdaýyny, jemi içerki önümiň ösüş depginini, maliýe, pul-karz ulgamyny durnukly saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny depginli ösdürmegi we giň gerimli özgertmeleri dowam etdirmek, maýa goýumlaryň esasy bölegini täze önümçiliklere gönükdirmek bilen, olaryň netijeliligini artdyrmak, pudaklara sanly ulgamy, täze tehnologiýalary ornaşdyrmagy dowam etdirmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda çäreleri durmuşa geçirmek maksat edinilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça netijeli işleriň amala aşyrylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz bu işleri geljek ýylda hem dowam etdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň 2027-nji ýyl üçin Döwlet býujetini düzmek hakynda Karara gol çekdi we wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Agajanow Hazar deňziniň türkmen böleginde ýerleşýän ygtyýarlandyrylan deňiz toplumlaryny özleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny işjeň çekmek babatda döredilen hukuk, ykdysady şertler hem-de oňyn maýa goýum gurşawy esasynda iri daşary ýurt kompaniýalary bilen nebitgaz pudagynda netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Hususan-da, Hazar deňziniň türkmen böleginde ýerleşýän ygtyýarlandyrylan deňiz toplumlaryny özleşdirmek babatda giň gerimli işler amala aşyrylýar we möhüm ähmiýetli taslamalar durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Hazar deňziniň türkmen bölegindäki nebitgaz ýataklarynyň özleşdirilmeginiň uglewodorod gorlaryny artdyrmaga, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge ýardam berýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen işleri dowam etdirmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda möwsümleýin işleriň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Wise-premýer ýetişdirilen bugdaýyň bol hasylyny gysga wagtda ýygnap almak maksady bilen, hormatly Prezidentimize ussat daýhanlaryň, tejribeli hünärmenleriň, alymlaryň we mehanizatorlaryň gatnaşmagynda welaýatlarda tejribe maslahatlaryny geçirmegiň, il içinde hormatlanylýan ýaşulularyň gatnaşmagynda galla oragyna başlamagyň senesini belläp, oňa ak pata bermegi baradaky haýyş bilen ýüzlendi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, şu ýyl ýurdumyzyň welaýatlarynda gallanyň bol hasylynyň ösdürilip ýetişdirilendigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Ahal, Lebap, Mary welaýatlarynda 3-nji iýunda, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda bolsa 10-njy iýunda galla oragyna başlamaga ak pata berdi hem-de hormatly ýaşululardan galla oragyna «bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş etdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz zähmetsöýer gallaçy daýhanlara, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda umumybilim berýän mekdepleri, çagalar bagyny we saglyk öýüni gurmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, «Bagyr» ýaşaýyş toplumynda 2 sany her biri 720 orunlyk umumybilim berýän mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny hem-de saglyk öýüni gurmak boýunça degişli çäreler görülýär. Gurulmagy meýilleşdirilýän mekdeplerde we çagalar bagynda ýaş nesliň döwrebap bilim-terbiýe almagy üçin ähli oňaýly şertler dörediler. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen, guruljak saglyk öýüni häzirki zaman lukmançylyk serişdeleri we kämil enjamlar bilen üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzy, şol sanda Aşgabat şäherini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça bellenen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň binagärlik-şähergurluşyk keşbini has-da gözelleşdirmek maksady bilen, Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda umumybilim berýän mekdepleri, çagalar bagyny we saglyk öýüni gurmak hakynda Karara gol çekip, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew Türkmen halysynyň baýramy mynasybetli geçiriljek dabaralara görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şanly sene mynasybetli haly we haly önümleriniň sergisini hem-de Türkmen halyşynaslarynyň bütindünýä jemgyýetiniň XXVI mejlisini geçirmek meýilleşdirilýär. Serginiň çäginde Türkmen halysynyň milli muzeýinde ýurdumyzda milli halyçylyk sungatyny ösdürmekde uly hyzmatlary bitiren halyçy zenanlara «Türkmenistanyň at gazanan halyçysy» diýen hormatly ady dabaraly ýagdaýda gowşurmak göz öňünde tutulýar. Türkmen halyşynaslarynyň bütindünýä jemgyýetiniň mejlisine birnäçe döwletden belli halyşynaslaryň, türkmen halysynyň muşdaklarynyň, alymlaryň hem-de ussat hünärmenleriň, halyçylyk bilen meşgullanýan wekilleriň gatnaşmagyna garaşylýar. Şeýle-de paýtagtymyzda «Arşyň nepisligi», «Janly rowaýat» atly maslahatlaryň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda halyçylyk sungatyny ösdürmäge we kämilleşdirmäge uly üns berilýändigini belledi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere Türkmen halysynyň baýramy mynasybetli çärelere, haly önümleriniň sergisine hem-de türkmen halyşynaslarynyň bütindünýä jemgyýetiniň mejlisine gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa 2026-njy ýylyň iýun aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, iýun aýynyň dowamynda Çagalary goramagyň halkara güni, Bütindünýä welosiped güni, Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni, Ylymlar güni, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli dürli çäreleriň, dabaralaryň, aýdym-sazly medeni çäreleriň, sergileriň, sport ýaryşlarynyň, bäsleşikleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Paýtagtymyzda Azerbaýjan Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günleri, birnäçe halkara maslahatlar we olimpiadalar, sergiler geçiriler.

«Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlary boýunça jemleýji tapgyrlarynyň, «Talyp joşguny – 2026» atly döredijilik festiwalynyň jemleýji tapgyrynyň, Balkan welaýatynda Medeniýet hepdeliginiň, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli aýdym-sazly dabaraly çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Arkadag şäheriniň baýramçylyk meýdançasynda Arkadag şäheriniň 3 ýyllygy mynasybetli aýdym-sazly baýramçylyk dabarasy guralar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi. ■ 2

# «Ak şäherim Aşgabat» atly XXV köpugurly halkara sergi we maslahat

***24-25-nji maýda paýtagtymyzda Aşgabat şäher häkimliginiň hem-de ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasynyň bilelikde guramagynda «Ak şäherim Aşgabat» atly XXV köpugurly halkara sergi we maslahat geçirildi.***

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda ýaýbaňlandyrylan köpugurly halkara sergi paýtagtymyzyň gazananlary bilen ýakyndan tanyşmak, täze işewürlik başlangyçlaryny ýola goýmak üçin amatly şertleri özünde jemledi. 25 ýyldan bäri her ýyl geçirilýän köpugurly sergi şähergurluşyk, senagat, innowasiýalar ulgamlarynda ýurdumyzyň gazananlary, paýtagtymyzyň jemgyýetçilik, ykdysady, ylmy, medeni üstünlikleri bilen tanyşdyrýan iri çärä öwrüldi. Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli guralýan çärä gatnaşmak isleýänleriň sanynyň ýylsaýyn artmagy daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň döwletimiziň ösüşlerine uly gyzyklanma bildirýändigine şaýatlyk edýär. Köpugurly halkara sergä we maslahata 55 ýurtdan wekiller gatnaşdylar.

Köpugurly sergä gatnaşyjylar halkara hyzmatdaşlyk üçin özara bähbitli işewürlik tekliplerini hödürlediler. Şolaryň hatarynda gurluşyk, elektroenergetika, gaýtadan işleýän hem-de ýeňil senagat, dizaýn, şäher düzümini döwrebaplaşdyrmaga degişli ugurlar bar. Şeýle çemeleşmäniň esasy ugurlarynyň biri dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmek, ösen tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly innowasion ösüşi gazanmakdan ybaratdyr. Serginiň çäklerinde türkmen hem-de daşary ýurt kompaniýalarynyň, Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärhanalarynyň, daşary ýurtlaryň işewür toparlarynyň 130-dan gowragy diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy.





Daşary ýurtlardan sergä gatnaşyjylaryň hatarynda «Bouygues Türkmen», «Gap Inşaat», «Rönesans», «Çalyk Enerji», «Daewoo», «Altkom», «Interbudmontaž» ýaly ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşlyk edýän kompaniýalary bar. Olar baş şäherimizi özgertmek boýunça birnäçe taslamalary üstünlikli amala aşyrýarlar.

«Ak şäherim Aşgabat» atly köpugurly halkara serginiň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň «Global dialog arkaly iş ýüzünde durmuşa geçirmek: durnukly, inklýuziw we «akylly» şäherler» atly ýokary derejeli halkara «tegelek stol» maslahaty geçirildi. Onda şäherleri ösdürmegiň häzirki zaman ýörelgeleri giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy. ■ 2

# Ýurdumyzda Gurban baýramy ýokary ruhubelentlikde bellener

***Ertir ýurdumyzda esasy musulman baýramçylyklarynyň biri bolan Gurban baýramynyň ilkinji güni. Ol hijri-kamary ýyl hasaby boýunça Oraza aýy tamamlanandan soň 71-nji günde başlanýar. Şu sahawatly günlerde Mekgä we Medinä zyýarat edilýär.***

Şu ýyl Gurban baýramy maý aýynyň 27-28-29-yna bellenilýär. Hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, şol günler ýurdumyzda däp boýunça iş günleri däl diýlip yglan edildi. Bu baýramyň esasy ybadatlary baýram namazyny okamak hem-de gurbanlyk çalmakdyr. Gurbanlyk kesmek Gurban baýramynyň birinji güni Baýram namazy okalandan soň başlanyp, üçünji günüň agşamyna çenli dowam edýär. Şeýle-de gurbanlykda soýuljak mal sagdyn we semiz bolmalydyr. Düzgün boýunça gurbanlyk malyň eti deň üç bölege bölünmeli. Bu bölekleriň biri gurbanlyk berýäniň maşgalasyna, bir bölegi dogan-garyndaşa, galan bir bölegi bolsa gurbanlyk kesip bilmediklere paýlanmaly.

Goýny we geçini diňe bir adamyň adyna, düýäni we sygry ýedi kişä çenli goşulyşyp kesip bolýar. Şol ýedi adamyň hem gurbanlyk etmek niýetinde bolmagy hökmandyr.

Yslam çeşmelerinde gurbanlyk bermek dessurynyň Ybraýym pygamberiň



döwründen bäri berjaý edilip gelinýändigi tassyklanýar. Gurban baýramy Allanyň ynsanlara nygmat eçilen güni hasaplanypdyr. Ata-babalarymyz Gurban baýramynda edilen doga-dilegleriň, ýürege düwlen päk niýetleriň hasyl bolýandygyny belläpdirler. Bu baýramyň öň ýanynda öýke-kineli adamlar ýaraşypdyrlar. ■ 2

# AŞGABAT – AZIÝANYŇ MERJENI

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew batly ösüşleriň röwşen ýolundan okgunly öňe barýan ýurdumyzda halkymyzyň döwrebap, abadan, asuda, erkana ýaşamagy barada uly alada edilýär. Türkmen halkynyň taryhy demokratik gymmatlyklaryny nazara almak bilen, türkmen döwletiniň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak boýunça yzygiderli we anyk maksada gönükdirilen işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda ýurdumyzyň döwlet gurluşynyň türkmen nusgasynyň, milli däpleriň we umumadamzat gymmatlyklarynyň, aýratyn hem adam we raýat hukuklarynyň, azatlyklarynyň erkin amala aşyrylmagynyň, jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr diýip ykrar edilen binýatlaýyn ýörelgäniň hakykata öwrülýändigini «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda bolup geçýän wakalarda hem görmek bolýar.*

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taryhy başlangyçlary bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň paýtagtynda amala aşyrylýan giň gerimli işleri dünýä ýaýmak, döwletimiziň syýasy, durmuş-ykdysady, ylym-bilim, medeni merkezi hökmünde Aşgabat şäheriniň orny has-da ýokarlandyrmak, sebitde iri ylalaşdyryjy merkeze hem-de Aziýanyň merjen şäherine öwrülen paýtagtymyzyň halkara abraýyny has-da belende galdyrmak maksady bilen, 2013-nji ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň güni döredildi. Şol wagtdan bäri hem her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň güni hem-de ýurdumyzyň ak mekdeplerini tamamlaýan uçurymlaryň «Soňky jaň» dabarasy uly ruhubelentlikde bellenilip geçilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 24-nji maddasynda «Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheridir» diýlip bellenilmegi bilen ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, dolandyryş, ylmy we medeni merkezi bolup durýan Aşgabat şäheriniň konstitusion hukuk esaslary, şeýle hem 2016-njy ýylyň 26-njy martynda kabul edilen «Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen kanunçylyk esaslary has-da berkidildi. Bu Kanun paýtagtymyzyň hukuk ýagdaýyny kesgitläp, Aşgabat şäheriniň Türkmenistanyň paýtagtynyň wezipelerini amala aşyrmagynyň hukuk, guramaçylyk we ykdysady şertlerini berkidýär.

Häzirki wagtda paýtagtymyz Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik başlangyçlary netijesinde ajaýyp keşbe eýe bolýar. Aşgabat halkymyzyň göz guwanjy, ýürek joşguny bolmak bilen, dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýär. 2013-nji ýylyň 25-nji maýynda ak mermer bilen örtülen binalaryň jemlenen şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna paýtagtymyz Aşgabadyň orun alandygyny, şeýle hem paýtagtymyzyň 2020-nji ýylda Syýahatçylyk



şäherleriniň Bütindünýä federasiýasynyň agzalygyna kabul edilendigini, 2023-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Döredijilik şäherleriniň toruna «Dizaýn» ugry boýunça girizilendigini, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň 2024-nji ýylyň 24-nji maýynda Aşgabatda geçirilen nobatdaky mejlisinde Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilendigini, bulardan başga-da gözel paýtagtymyzda ýerleşýän ençeme binalaryň dürli ýyllarda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendigini belläp geçmek has-da ýakymly.

Aşgabat şäheriniň sebitde parahatçylyk döredijі merkeze, halkara ylmy-amaly maslahatlaryň, sergileriň, sport bäsleşikleriniň geçirilýän ýerine öwrülendigi bellenilmäge mynasypdyr. 2025-nji ýylyň jemleri boýunça paýtagtymyzda 190 sany mekdebe çenli çagalar edarasy, 160 sany umumy bilim we mekdepden daşary edarasy, 21 sany sport mekdebi, 22 sany ýokary hünär bilim edarasy, 17 sany orta hünär bilim edarasy, 25 sany kitaphana, 6 sany teatr, 4 sany muzeý we 10 sany medeniýet öýi hereket edýär. Bu bolsa ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň döwrebap bilim-terbiýe almagynda, milli medeniýetimize has içgin düşünmeginde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Häzirki wagtda Aşgabat halkara çäreleriniň, maslahatlaryň geçirilýän ýerine, syýahatçylary özüne çekýän şähere öwrüldi. Aşgabat şäherinde syýahatçylygy ösdürmek ugrunda ýerine ýetirilen işler sanardan köpdür. Olaryň hatarynda myhmanhanalaryň, söwda we dynç alyş merkezleriniň gurlup ulanylmaga berilmegi, döwrebap ulaglaryň hereket etmegi, türkmen milli gymmatlyklaryny synlamak üçin ýörite binalaryň, desgalaryň, mundan başga-da syýahat etmek üçin birnäçe ýerleriň bardygyny belläp geçmek bolar. Aşgabatda gurlan binalar, döredilen ýaşyl zolaklar, baglar, owadan we giň, arassa köçeler şäherimiziň görküne görk goşýar. Paýtagtymyzyň bahar güllerine beslenip oturan gündizleri, nur dürli öwşün atýan owadan gijeleri, gür baglyga bürenip oturan keşbi ynsan kalbyny gözellige besleýär.

2022-nji ýylyň 22-nji aprelinde Aşgabat şäherine Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyjyna bag ekmek çäreleri arkaly goldawy we oňa goşan goşandy üçin degişli halkara güwänama berlendigini bellemek gerek. Bu bolsa Türkmenistanyň ekologiýa abadançylygyny berkitmäge ähmiýet berýändigini, bu ugurda goşulan halkara resminamalaryna ygrarlydygyny, 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň meselelerini amal etmekde bitirýän işleriniň nobatdaky ykrarnamasy bolandygyny alamatlandyrýar.

Halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy, zähmet çekmegi, toýlaryny uludan toýlamagy üçin şeýle mümkinçilikleri we şertleri döredýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize gözel paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň alkyşlary çäksizdir.

**Nepes ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Mejlisiň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.*

# Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda şu ýylyň iýun aýynda Çagalary goramagyň halkara güni, Bütindünýä welosiped güni, Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni, Ylymlar güni, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegiň we olary ýokary derejede geçirmegiň möhümdigine ünsi çekip, wise-premýere degişli tabşyryklar berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow Bütindünýä welosiped güni mynasybetli ýurdumyzda bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş çärelerini geçirmek boýunça alnyp barylýan taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, 3-nji iýunda paýtagtymyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişi guramak göz öňünde tutulýar. Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Bütindünýä welosiped gününiň sagdyn we bagtyýar durmuşy giňden beýan edýän halkara sport baýramydygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzda bu sene mynasybetli bedenterbiýe-sport çärelerini guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen täze Kararnama barada hasabat berdi.

Şu ýylyň 20-nji maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen hödürlenen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimizi bu halkara ähmiýetli waka bilen tüýs ýürekden gutlap, berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda Bitarap Watanymyzyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek ugrunda edýän tagallalarynyň üstünlikli dowam etdiriljändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz geljekde hem BMG bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleriň dowam etdiriljekdigini belläp, mejlise gatnaşyjylaryň ählisini gelip gowşan hoş habar – möhüm ähmiýetli Kararnamanyň kabul edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ýurdumyzyň demir ýol ulagy pudagynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bu pudaga halkara ülňülere laýyk gelýän täze tehnikalar ornaşdyrylýar, ilatymyza ýokary hilli hyzmat etmek boýunça zerur işler geçirilýär. Ulanylýan ýolagçy wagonlarynda düýpli abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek boýunça degişli çäreler görülýär. Şunda öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlyk edilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň demir ýol ulagy pudagynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, ilatymyza ýokary hilli hyzmat etmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz «Demirýollary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýolagçy wagonlaryny abatlamak boýunça taýýarlanylan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

# TÜRKMEN HALYSY – HALKYMYZYŇ GYMMATLYGY

*Türkmen halysy halkymyzyň medeni gymmatlyklarynyň esaslarynyň biridir. Ussat türkmen halyçylary köp asyrlaryň dowamynda özboluşly halyçylygyň aýratynlyklaryny gorap saklapdyrlar. Bu senetçiligiň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli sanawyna girizilendigi örän guwandyryjydyr.*

Ene-mamalarymyzyň naýbaşy el işleriniň biri bolan türkmen halylary, ýekeje çitimden başlanyp döreýän gudratdyr, ol halkymyzyň milli gymmatlyklaryny, türkmeni dünýä tanadan ajaýyp sungatdyr. Gahryman Arkadagymyzyň haly sungatyna bagyşlan «Arşyň nepisligi» atly ajaýyp eserinde: «Haly – halkymyzyň gadymy hem müdimi sungatydyr. Gözelligi, nepisligi, öwşün atýan reňkleri bilen göreni haýrana goýýan halylar halkymyzyň ruhy ahwalydyr» diýip belleýşi ýaly, zenan kalbynyň näzikliginden, duýgurlygyndan, umyt-arzuwlaryndan döreýän älemgoşar öwüşginli türkmen halysyna taý geljek gözellik dünýäde ýok bolsa gerek.

Iň nepis hem owadan halylaryň Türkmenistanda, türkmen zenanlary tarapyndan dokalandygy barada taryhy maglumatlarda hem bellenip geçilýär. Muňa mysal edip, XIII asyrda italýan syýahatçysy Marko Polonyň türkmen topragynda syýahatda bolanynda, «Bu ýerde iň gözel halylar dokalýar« diýip bellemegi ýöne ýerden däldir.

Her tiräniň özüniň teke gölli, salyr gölli, saryk gölli, ýomut gölli, ärsary gölli, çowdur gölli diýip atlandyrylan özboluşly nagyşlary, gölleri bolupdyr. Türkmen halylary dünýä bazarynda XIX asyrda «Buhara halysy» ady bilen meşhurlyk gazanypdyr. Halyçylyk türkmen halkynyň amaly-haşam sungatynyň has gadymy görnüşleriniň biri hasaplanýar. Bu sungat öz gözbaşyny gadymy geçmişiň jümmüşinden alyp gaýdýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň döwlet nyşanlarynyň aýrylmaz bölegi bolan haly gölleri halkymyzyň agzybirligini we jebisligini, milletimize mahsus parasatlylygy, ajaýyplyklara bolan çäksiz islegleri alamatlandyrýar. Olar paýtagtymyzyň binagärlik keşbinde bezeg nagyşlarynyň möhüm bölegi bolup durýar. 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda açylan Aşgabat şäheriniň täze Halkara howa menziliniň ýolagçy terminalynyň binagärlik aýratynlygy üçin Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi guwançly waka boldy. Terminal «Iň uly göl» diýen ada eýe boldy.

Täsin çeper senedi giňden wagyz etmek, gözellikde deňi-taýy bolmadyk halylary aýawly saklamak maksady bilen, ýurdumyzyň halyçylyk pudagynyň önümçilik düzümleri döwrebaplaşdyrylýar. Ýurdumyzda öňki bar bolan önümçilikleriň durky täzelenýär we täze kärhanalar açylýar, olarda netijeli zähmet çekmek hem-de çeper elli halyçylaryň döredijilik gözleglerini durmuşa geçirmek üçin ähli şertler döredilýär.

Bu gün dünýäde deňsiz-taýsyz sungat eseri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyndan mynasyp orun alan türkmen halysy ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizilmegi bolsa, onuň halkara derejedäki hormatyny we sylagyny ýene-de bir gezek bütin dünýä aýan etdi.

Gahryman Arkadagymyzyň türkmen halylarynyň hemişelik, öçmejek gözelligi hakynda söhbet açýan «Janly rowaýat» we «Arşyň nepisligi» atly kitaplary milli sungatymyzyň gadymy ýörelgelerini wagyz etmek işine uly goşant boldy. Bu eserlerde milli Liderimiziň halkymyzyň medeni mirasyna uly sarpasy beýan edilýär.

Haly asyrlarboýy adamzat ýaşaýşynyň hemrasy bolupdyr. Olaryň meşhurlygy häzirki günlerde hem pese gaçmaýar. Şeýle-de bolsa ilkinji halynyň haçan dokalandygy hakynda takyk maglumaty aýtmak kyn. Birnäçe halklaryň birek-birekden habarsyz haly dokamak işi bilen bir döwürde meşgullanyp başlamagy haýran galdyryjydyr. Halyçylyk adamzadyň ele alan hünärleriniň iň ilkinjileriniň biri hasaplanylýar. Türkmen haly



sungatynyň dünýä meşhurlygyny gazanmakda giň mümkinçilikleri döreden, gadymy hem müdimi senedimiz bolan ajaýyp halylarymyza goýýan belent sarpasy üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys.

**Aýgül ESENOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# ÝOLUŇYZ AK BOLSUN, MÄHRIBAN UÇURYMLAR!

*Düýn ýurdumyzyň ähli mekdeplerinde «Soňky jaň» dabarasy geçirildi. Bu sene diňe mekdep okuwçylary üçin däl, eýsem, orta mekdebi tamamlaýan okuwçylaryň ene-atalary üçin hem ýatdan çykmajak tolgundyryjy gündür. Şol sebäpli 25-nji maý eziz Diýarymyzda hemişe aýratyn şatlyk, ýakymly tolgunma we uly dabaralar bilen gurşalýar. Bu gün geljege bolan ynamyň we kämillige gadam basmagyň aýdyň senesidir. Şol gün müňlerçe uçurymlaryň durmuşynda iň ýatda galyjy, iň mähirli günleriň biri bolup, ýurdumyzyň ähli künjegindäki orta mekdeplerde «Soňky jaň» dabarasy geçirilýär.*

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň maglumatyna salgylanyp berilýän metbugat habaryna görä, şu okuw ýylynda Aşgabat şäherinde uçurymlaryň 12 müň 851-si, Arkadag şäherinde 237-si mekdep bilen hoşlaşýar. Ahal welaýatynda 14 müň 337, Balkan welaýatynda 8 müň 680, Daşoguz welaýatynda 23 müň 798, Lebap welaýatynda 23 müň 700-e golaý, Mary welaýatynda 25 müňden gowrak okuwçy mekdebi tamamlap, durmuşa gadam basýar.

Ak mekdepde geçen 12 ýyl diňe bir ylym-bilim almagyň däl, eýsem, hakyky dostlugyň we watançylygyň öwre-



nilen döwrüdir. Ilkinji gezek eline galam alyp, «Watan», «ene», «mekdep» sözlerini ýazmagy öwrenen çagajyklar, bu gün eýýäm özbaşdak durmuş ýoluna gadam basýarlar. Olar geljegiň inženerleri, mugallymlary we lukmanlary. Soňky jaň dabarasynyň şowhunynda uçurymlaryň kalbynda minnetdarlyk duýgusy joş urýar. Özleriniň mähir-muhabbetini, irginsiz zähmetini we ylymlar dünýäsiniň syrlaryny öwreden mähriban mugallymlara alkyşlar aýdylýar.

«Soňky jaň» diňe bir mekdep ýyllarynyň tamamlanmagyny aňlatman, öňde duran täze we has jogapkärli durmuş menziliniň, belent sepgitleriň başlangyjydyr. Eziz Diýarymyzyň mekdeplerinde ýaňlanan soňky jaň sesi ýaşlary täze ylym ojaklaryna, hünär eýeleri bolmaga, eziz Watanymyzyň ösüşlerine öz mynasyp goşantlaryny goşmaga çagyrýar. Ýaş nesilleriň döwrebap bilim almagy, dünýäniň ösen tehnologiýalaryna erk etmegi we hakyky hünärmenler bolup ýetişmegi üçin ýurdumyzda ähli şertler we mümkinçilikler döredilendir.

Gutardyş dabaralarynda mekdebi tamamlaýan uçurymlaryň ýüzünde hem şatlyk hem alada duýgularyny görmek bolýar. Uçurymlar mekdep partasyndan, synpdaşlardan aýrylýandygyna gynansalar-da, uly durmuş ýoluna ynam bilen gadam basýandyklaryna begenýärler.

Goý, ýurdumyzyň ähli mekdeplerinde ýaňlanan «Soňky jaň» sesi ýaş uçurymlara diňe şowlulyk, ak ýollar we uly ýeňişler getirsin! Ýoluňyz ak bolsun, mähriban uçurymlar!

# «Ak şäherim Aşgabat» atly XXV köpugurly halkara sergi we maslahat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde şäherleşme meýilleri ýurtlaryň çäklerinden çykyp, ählumumy derejä eýe bolýar. Şäher gurşawynyň ösüş derejesi ýurtlaryň maýa goýum babatda özüne çekijiligine, ykdysadyýetleriň durnukly ösüşine we howanyň üýtgemegi bilen bagly wehimlere uýgunlaşmagyna täsirini ýetirýär. Şäherler ösdügiçe, olar halkara hyzmatdaşlygyň, tehnologiýalary alyşmagyň, durnukly ösüşiň täze nusgalaryny ilerletmegiň merkezi hökmünde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýarlar. Tutuş dünýäde bolşy ýaly, Merkezi Aziýada hem täzeçil gurluşyk taslamalarynyň, «akylly» şäher konsepsiýasynyň amala aşyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Şunda innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylan we amatly ekologiýa ýagdaýy döredilen şäher gurşawlaryny döretmek boýunça milli çemeleşmelere üns çekildi.

Günüň ikinji ýarymynda paýtagtymyzdaky «Olimpiýa» myhmanhanasynda ýurdumyzyň döwlet, hususy kärhanalarynyň, BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň, beýleki halkara guramalaryň, daşary döwletleriň diplomatik wekilhanalarynyň, iri kompaniýalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleriniň gatnaşmagynda «Ak şäherim Aşgabat» maslahatynyň «Durnukly, «akylly» we global goşulyşýan paýtagt şäheriniň kemala gelmegi» atly plenar mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Aşgabady uzak möhletleýin esasda ösdürmegiň geljegi uly ugurlaryna garaldy. Çykyş edenler Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşiniň nyşany bolan Aşgabat şäheriniň 145 ýyllygy we baýramçylyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutladylar. Aşgabat şäheriniň «Dizaýn» ugry boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) döredijilik şäherleriniň toruna, bu guramanyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilmegi, Syýahatçylyk şäherleriniň bütindünýä federasiýasynyň agzalygyna kabul edilmegi onuň ýokary halkara derejesini görkezýär.

Bellenilişi ýaly, şäher gurluşygy ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Watanymyzyň baş şäherini ösdürmek meseleleri «Aziýanyň merjen şäheri» diýlip ykrar edilen şäherimiziň okgunly ösüşinde öz beýanyny tapýar. Hemmetaraplaýyn ösen şäheriň ähli aýratynlyklaryny özünde jemleýän paýtagtymyzyň durmuş infrastrukturasy yzygiderli ösdürilýär, binagärlik toplumlarynyň üsti täze binalar we desgalar bilen ýetirilýär.



Maslahatyň çäklerinde ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de daşary döwletleriň öňdebaryjy gurluşyk, önümçilik kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirildi. Olarda gyzyklanma bildirilýän ugurlarda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maslahatyň ikinji gününde «akylly» şäherleri, senagat we gurluşyk toplumlaryny ösdürmek, geljegiň şäherleri üçin öňdebaryjy energetika hem-de sanly ulgamlar boýunça ýöriteleşdirilen mejlisler geçirildi.

# Ýurdumyzda Gurban baýramy ýokary ruhubelentlikde bellener

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, gurbanlyk mal Gurban baýramynyň birinji, ikinji we üçünji günlerinde kesilýär. Ýöne birinji günde kesilmegi has sogaplydyr. Gurban kesmegiň wagty Baýram namazynyň okalmagyndan soňradyr.

Ýurdumyzyň zyýaratçylary yslam dünýäsiniň mukaddes ýerleri hasaplanýan Mekge we Medine şäherlerine haj parzlaryny berjaý etmek üçin zyýarata gitdiler. Ýurdumyzyň ähli ýerinden bolan zyýaratçylar musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň sahawatly günlerinde dünýä ýurtlaryndan barýan zyýaratçylaryň millionlarçasy bilen bir hatarda, haj parzyny ýerine ýetirerler. Medinede zyýaratçylar hezreti Muhammet pygamberiň, onuň egindeşleriniň ruhlarynyň aram tapan ýerlerine, metjitlere we beýleki mukaddes ýerlere zyýarat ederler. Olar yslam dünýäsiniň baş mukaddesliklerine togap edip, mukaddes Käbäniň daşyndan aýlanarlar, ýurdumyz we halkymyz üçin doga-dileg ederler.

Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň tutumly tagallalary netijesinde Watanymyzyň çar künjeginde Gurban baýramy giňden bellenýär. Bereketli saçak ýazyp, myhman garşylamak halkymyzyň gadymdan gelýän däpleriniň biridir. Bu baýramda birek-birekden duz-tagam dadyp, döwletli ojaklara rysgal-döwlet dilemek diňe bir saçaklarymyzyň berekedini artdyrman, eýsem, göwnümizi hem galkyndyrar. Mukaddes Gurban baýramynyň bellenilmegi ata-babalarymyzyň milli ýörelgelerine, däp-dessurlarymyza berk eýerilýändigini görkezýär. Mähir-muhabbeti, birek-birege ynamy, ak ýürekliligi, agzybirligi ündeýän gurbanlyk günlerinde ýagşy niýetler bilen aýdylan hoş sözler ynsan kalbyna mähribanlyk çaýýar.

Mukaddes Gurban baýramynda berilýän gurbanlyk sadakalar, ediljek dilegler kabul bolsun!

# TEHNOLOGIK TELEKEÇILIK – GELJEGIŇ YKDYSADY BINÝADY

Häzirki zaman dünýäsinde ykdysady ösüşiň we innowasiýalaryň iň esasy hereketlendiriji güýçleriniň biri tehnologik telekeçilik we onuň daşynda kemala gelýän startap ekoulgamlarydyr. Sanlylaşdyrmak diňe bir durmuşymyzy aňsatlaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, täze biznes modelleriniň, döwrebap hünärleriň we ägirt uly ykdysady mümkinçilikleriň ýüze çykmagyna şert döredýär. Tehnologik telekeçilik ylmy-tehniki açyşlary we innowasion tehnologiýalary peýdalanyp, täze önümleri ýa-da hyzmatlary döretmek we olary bazara çykarmak işidir. Adaty telekeçilikden tapawutlylykda, bu ýerde esasy bäsdeşlik artykmaçlygy harydyň diňe bir bahasynda ýa-da ýerleşýän ýerinde däl-de, onuň hödürleýän tehnologik täzeliginde we giň gerime eýe bolmagyndadyr. Munuň iň aýdyň mysaly – startaplar. Startap diňe bir «täze açylan kiçi telekeçilik» bolman, gysga wagtyň içinde çalt ösmäge we tehnologiýanyň kömegi bilen uly bazarlary eýelemäge ukyply bolan innowasion taslamadyr.

Bir startap we tehnologik telekeçilik gurşawy özünden ösüp bilmeýär. Onuň üçin ýörite guralan, biri-birini goldaýan zynjyr – ekoulgam gerek. Sagdyn startap ekoulgamyny şu aşakdaky esasy elementler emele getirýär. Şunda bilimli programma işläp düzüjilere, inženerlere, marketologlara we taslama ýolbaşçylaryna zerurlyk bar. Ekoulgamyň özeni täzeçil pikir edýän ýaşlardyr. Şeýle hem taslamanyň ilkinji ädimlerinde maýa goýumlar hem örän uly ähmiýete eýedir.

Başlangyç tapgyrdaky startaplara meýdança, maslahat berýän we olaryň önümini gysga wagtda kämilleşdirmäge kömek edýän ýörite merkezleriň döredilmegine üns bermek gerekdir. Tehnologik açyşlaryň we täze zehinleriň gözbaşy bolup durýan bilim ojaklary hem bu ugurda möhüm goldawdyr. Innowasiýalary höweslendirýän kanunçylyk binýady, salgyt ýeňillikleri we sanly infrastruktura hem wajypdyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasynyň we beýleki döwlet maksatnamalarynyň çäginde uly özgertmeler amala aşyrylýar.



Sanly infrastruktura yzygiderli kämilleşdirilýär, internet elýeterliligi artýar we elektron hyzmatlar durmuşymyza barha çuňňur aralaşýar. Bu şertler ýurdumyzyň ýaş programma işläp düzüjileri we telekeçileri üçin täze gapylary açýar. Eýýäm şu günki gün içerki bazarda uly meşhurlyk gazanan elektron söwda platformalary, onlaýn töleg ulgamlary we bilim platformalary tehnologik telekeçiligiň Türkmenistandaky ilkinji şowly miweleridir.

Ýöne munuň bilen çäklenmän, geljekde emeli aň, uly maglumatlar we «bulut» tehnologiýalary ýaly ugurlarda hem milli startaplaryň sanynyň artmagyna garaşylýar.

Umuman, tehnologik telekeçilik diňe bir programma üpjünçiligini ýazmak bolman, jemgyýetiň bar bolan meselelerine iň amatly we çalt sanly çözgütleri tapmakdyr. Ýaşlarymyzyň bu ugurdaky başlangyçlaryny goldamak, ýokary okuw mekdeplerinde innowasion startap meýdançalaryny giňeltmek we telekeçilik medeniýetini innowasiýalar bilen baýlaşdyrmak geljekde ykdysady garaşsyzlygymyzy we global bäsdeşlige ukyplylygymyzy has-da berkider. Sanly dünýäniň täze gahrymanlary bolsa eýýäm şu gün innowasion pikirleri öňe sürýän zehinli ýaşlarymyzdyr.

**Aýgül ORUNOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 26-sy, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118757
Belgisi: 22/1692
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Ýanez Ýanşa Premýer-ministr boldy

Sloweniýanyň Döwlet ýygnagy (parlamentiň aşaky palatasy) 22-nji maýda geçirilen mejlisinde Slowen demokratik partiýasynyň ýolbaşçysy Ýanez Ýanşany ýurduň Premýer-ministri wezipesine bellemek baradaky çözgüdi kabul etdi. Bu barada Döwlet ýygnagynyň başlygy Zoran Stefanowiç habar berdi. Degişli çözgüdi 90 orunlyk parlamentiň deputatlarynyň 51-si goldady, 36-sy garşy çykdy. Täze bellenen Hökümet ýolbaşçysynyň öňünde ýakyn wagtda parlamentiň seretmegi üçin Ministrler Kabinetiniň düzümini hödürlemek wezipesi durýar.

Ýatlap geçsek, şu ýylyň 22-nji martynda geçirilen Döwlet ýygnagyna nobatdaky saýlawlarda ozalky Premýer-ministr Robert Golobyň ýolbaşçylygyndaky «Erkinlik hereketi» partiýasy 29 orun alyp, az-kem artykmaçlyk bilen ýeňiş gazanypdy (Ýanşanyň partiýasy 28 orun alypdy). Şeýle-de bolsa, koalisiýa boýunça geçirilen birnäçe hepdelik gepleşiklerden soň liberal partiýa parlamentde köplügi emele getirip bilmedi we Hökümetiň düzümine girmän, öz işini beýleki syýasy güýçleriň hatarynda dowam etmeli boldy.

Şondan soňra dolandyryjy koalisiýany döretmek hukugy saýlawlarda ikinji bolan Slowen demokratik partiýasynyň lideri Ýanez Ýanşa geçdi. 21-nji maýda Slowen demokratik partiýasynyň, «Demokratlaryň», «Täze Sloweniýa - Hristian demokratlarynyň», Slowen halk par-



tiýasynyň we «Fokus» partiýasynyň liderleri koalisiýa ylalaşygyna gol çekdiler. Ýanez Ýanşa özüniň syýasy durmuşynda dördünji gezek ýurduň hökümet Başlygy boldy. Ol mundan ozal 2004 - 2008-nji, 2012 - 2013-nji we 2020 - 2022-nji ýyllarda Sloweniýanyň Hökümetine ýolbaşçylyk edipdi.

# ÝEWROPA ORDENI GOWŞURYLDY

**Fransiýanyň Strasburg şäherinde ýerleşýän Ýewropa parlamentiniň binasynda «Bitiren hyzmatlary üçin Ýewropa ordeni» bilen sylaglamak dabarasy geçirildi. Ýewropa parlamentiniň Başlygy Roberta Metsolanyň gatnaşmagynda geçirilen dabarada Germaniýanyň öňki federal Kansleri Angela Merkel we Polşanyň öňki Prezidenti Leh Walensa ýaly sebitiň syýasy durmuşynda öçmejek yz galdyran meşhur döwlet işgärlerine, şeýle hem Moldowanyň Prezidenti Maýa Sandu we ukrainaly hukuk goraýjy Aleksandra Matwiýçuga abraýly sylaglar gowşuryldy. Geçen ýyl Şumanyň Jarnamasynyň 75 ýyllygy mynasybetli döredilen bu orden Ýewropanyň bitewüligini we durnukly ösüşini üpjün etmekde aýratyn edermenlik hem-de göreldeli işleri görkezen görnükli şahsyýetlere berilýär.**

**Bu ýylky dabaraly çärä sylaga mynasyp bolan jemi 20 laureatyň 13-si gatnaşyp, olaryň çykyşlarynda Ýewropa Bileleşiginiň taryhy ösüş ýoly, gazanylan üstünlikler we sebitiň häzirki zaman syýasy-ykdysady ýagdaýlary barada giňişleýin seljermeler we çykyşlar edildi. Dabaranyň barşynda çykyş eden Angela Merkel sebitde parahatçylygy, ykdysady rowaçlygy hem-de demokratik gymmatlyklary durnukly saklamagyň möhümdigine we bu ugurdaky wezipelere aýratyn ünsi çekdi. Çärede Ýewropa Bileleşiginiň öňki ýokary wezi-**




**peli resmi adamlary tarapyndan sebitara hyzmatdaşlygyň taryhy ähmiýeti barada hem bellenilip geçildi. Ýewropa Bileleşiginiň agza döwletleriniň hökümetleri tarapyndan hödürlenýän bu orden geljekde hem yklymyň agzybirligine we integrasiýa amallaryna saldamly goşant goşjak täze şahsyýetleri höweslendirmegi maksat edinýär.**

# Söwda ylalaşygyna gol çekildi

Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýen bilen Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Antoniu Koştanyň Meksika amala aşyran resmi saparynyň çäginde bu ýurduň Prezidenti Klaudiýa Şeýnbaum bilen duşuşyp, täzelenen söwda ylalaşygyna gol çekdiler. Mehiko şäherinde geçirilen ÝB – Meksika sammitinde gazanylan bu ylalaşyk häzirki wagtda dünýä bazaryndaky üýtgeşmeleriň şertlerinde taraplaryň özara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny has-da diwersifikasiýalaşdyrmaga hem-de halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge bolan meýillerini şöhlelendirýär. Täze resminama mundan 20 ýyl ozal baglaşylan asyl şertnamany döwrebaplaşdyrmak bilen, Ýewropa Bileleşiginiň Latyn Amerikasy sebitindäki täsirini has-da güýçlendirmäge gönükdirilendir.

Taraplaryň strategik hyzmatdaşlygyny täze önümçilik we eksport mümkinçilikleri bilen baýlaşdyrýan bu ylalaşyk özara bazarlary has-da açyk görnüşe getirer. Ýewropa Bileleşigi resminama laýyklykda, Meksikanyň oba hojalyk, derman senagaty we maşyngurluşyk bazarlaryna ýeňilleşdirilen elýeterlilik gazanýar. Meksika bolsa öz gezeginde azyk önümlerini, şol sanda kofe, şokolad we miwe önümlerini Ýewropa bazaryna eksport etmegiň gerimini giňelder. Şunuň bilen birlikde, ylalaşyk taraplaryň döwlet satyn alyşlary bazaryny özara bähbitli şertlerde açmagyny kepillendirýär hem-de harytlaryň gelip çykyşy baradaky geografik görkezijileriň goralmagyny üpjün edýär.

Ýewropa Bileleşigi üçin Meksika sebitdäki ikinji uly söwda hyzmatdaşy bolup durýar. Geçen 2025-nji ýylda taraplaryň arasyndaky haryt dolanyşygy 86,8 milliard ýewro, hyzmatlar



ulgamyndaky söwda bolsa 29,7 milliard ýewro barabar boldy. Bu görkezijiler Meksikanyň iň uly söwda hyzmatdaşy bolan ABŞ bilen amala aşyrýan söwda mukdaryndan pes bolsa-da, halkara söwda syýasatyndaky häzirki üýtgeşmeleriň we dünýä bazaryndaky bäsdeşligiň ýitileşýän şertlerinde taraplar üçin strategik ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda Meksikada Ýewropanyň 11 müňden gowrak kompaniýasy işleýär we 43 müňden gowrak kärhana bu ýurt bilen eksport amallaryny amala aşyrýar. Bu strategik ädim Ýewropa Bileleşiginiň Latyn Amerikasy we Karib deňziniň sebiti ýurtlary bilen söwda ulgamyny diwersifikasiýalaşdyrmak baradaky giň gerimli meýilnamasynyň möhüm bölegidir.

# NAURU ADYNY ÜÝTGEDÝÄR

Meýdany boýunça dünýäniň üçünji iň kiçi ýurdy bolan Nauru döwleti öz resmi adyny taryhy «Naoero» diýip üýtgetmek baradaky başlangyç bilen çykyş etdi. Ýurduň Prezidenti Dewid Adeang bu özgertmäniň halkyň milli we medeni gymmatlyklaryny, dil aýratynlyklaryny we taryhy mirasyny dikeltmek maksadyny öz içine alýandygyny mälim etdi. Döwlet Baştutanynyň bellemegine görä, häzirki «Nauru» ady kolonializm döwründe daşary ýurtlularyň ýurduň asyl adyny dogry aýdyp bilmezligi sebäpli ýüze çykypdyr.



Dünýäde resmi paýtagty bolmadyk ýeketäk ýurt hasaplanýan Nauru 1968-nji ýylda özbaşdaklygyny alýança Beýik Britaniýanyň we Awstraliýanyň garamagynda bolupdyr. Häzirki wagtda, takmynan, 10 müň ilaty bolan bu ada döwleti diňe geografik aýratynlyklary bilen däl, eýsem, dünýäde artykmaç agramlylyk derejesi boýunça hem öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Londondaky Bütindünýä semizlik federasiýasynyň berýän maglumatlaryna görä, ýurduň ilatynyň 70 göteriminden gowragy aşa semizlikden ejir çekýär.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

► **ÝB gender deňligini goldaýar.** Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy Kaýa Kallas Tallinde guralan metbugat maslahatynda dünýäde durnuklylygy üpjün etmek we gapma-garşylyklary kadalaşdyrmak üçin parahatçylyk gepleşiklerinde zenanlaryň ornunyň güýçlendirilmelidigini mälim etdi. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň seljermeleri hem zenanlaryň diplomatik gatnaşyklara goşýan goşandynyň durnuklylygyny tassyklaýar.



► **Söwda ylalaşygy tassyklandy.** Ýewropa Parlamenti ÝB bilen ABŞ-nyň arasyndaky «Ternberi» söwda ylalaşygyny makullady. Resminama laýyklykda, ÝB amerikan harytlarynyň gümrük paçlaryny doly ýatyrýar, ABŞ-nyň ykdysadyýetine 600 milliard dollar maýa goýýar we 750 milliard dollarlyk energiýa serişdelerini satyn alýar. ABŞ bolsa öz gezeginde Ýewropa harytlarynyň gümrük pajyny 15 göterim derejesinde çäklendirmäge borçlanýar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1908-nji ýylyň 26-njy maýynda Eýranyň Mesjede-Soleýman sebitindäki guýudan ilkinji nebit akymynyň alynmagy bilen, Ýakyn Gündogarda senagat taýdan nebit almagyň başlangyjy goýuldy. Iňlis telekeçisi Wilýam D'Arsiniň köp ýyllyk gözleglerinden soňra gazanylan bu üstünlik sebitiň geosyýasatyny bütinleý üýtgetdi. Şeýle hem bu uly şowlulyk dünýäniň iň iri kompaniýalarynyň biri bolan «British Petroleum» (BP) guramasynyň esaslandyrylmagyna getirdi.**



## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Raja Ampat arhipelagynda 1500-den gowrak ululy-kiçili ada bar.**

# INDONEZIÝANYŇ ÝAŞYL ARHIPELAGY

Köpler bu adalary gaýykly syýahat edýän bolsa, köpler ýaşyl gaýalary dikuçar arkaly ýokardan synlaýar. Günorta-Gündogar Aziýanyň meşhur syýahatçylyk ugurlarynyň biri bolan bu arhipelaga «Raja Ampat» diýilýär. Batanta, Misool, Salawati we Waýgeo ýaly 4 esasy adany hem-de 1500-den gowrak ululy-kiçili adalary özünde jemleýän Raja Ampat ýerli dilden terjime edilende «Dört Patyşa» diýmegi aňladýar. Adalaryň iň ulusy Waýgeo bolup, syýahatçylaryň düşleýän adasy hasaplanýar.



Dünýäniň iň ajaýyp tebigy gözellikleriniň biri bolan bu ada Indoneziýanyň çäginde, Papua–Täze Gwineýanyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýär. Raja Ampat adalar toplumy suwasty gözelligi we deňiz jandarlaryny synlamagy halaýanlar üçin iň gowy dynç alyş merkezleriniň biridir. Syýahatçylar ilki Waýsaý port şäherine baryp, soňra uçarly ýa-da gämili ýaşyl arhipelaga gitmeli bolýarlar. Waýsaý şäheri Sorong şäheriniň golaýynda ýerleşýär.

Arhipelagyň çäginde 540-dan gowrak merjen gaýalary, balygyň 1400-den gowrak görnüşi, kitlerden deňiz atlaryna çenli dürli görnüşli deňiz jandarlary ýaşaýar. Arhipelagda suwasty jandarlar bilen bir hatarda, deňiz krokodilleri hem ýaşaýar. Şol sebäpli bu ýerdäki käbir ada barmak we suwa düşmek howply hasaplanýar.

Ada barýan ýaş juwanlar ilki bilen Karawapop kölüni görmäge howlugýarlar. Ýürege meňzeş «Söýgi köli» dünýäniň iň romantik ýerleriniň biri hasaplanýar. Arhipelagyň käbir adasynda taryhy wakalary gürrüň berýän gaýa suratlary hem saklanýar. Labirinte meňzeş adalaryň arasyndan iň meşhury suw eroziýasyndan emele gelen kömelege meňzeş adalar hasaplanýar. Suwuň urmagy netijesinde aşaky bölegi oýulan tegelek adalar balyklaryň gizlenmegi we şol ýerde ýaşamagy üçin oňaýly şert döredýär.

«Kali Biru» derýasy Raja Ampat adalar toplumynyň iň meşhur ýeri bolup, gaýykly baryp bolýar. Ýerli halkyň arasynda Gök derýa diýlip atlandyrylýan bu gözellik maýalibit taýpasy üçin mukaddes ýer hasaplanýar. Bu ýerdäki düzgüne görä, syýahatçylar arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek arkaly derýanyň diňe bir kenarynda 30 minuta çenli suwa düşüp bilýärler. Mukaddes hasaplanylýandygy we diňe maýalibit taýpasyna degişli bolandygy sebäpli, derýanyň garşy kenaryna geçmek gadagan edilýär. Ýerli halkyň arasynda Gök derýa barada köp sanly rowaýatlar bar.

Arhipelagyň meşhur ýerleriniň ýene biri ajaýyp görnüşe eýe bolan Piaýnemo adalarydyr. Aýlagda ýerleşýän kiçijik adalar owadan we täsin tebigy gözelligi emele getirýär. Mundan başga-da, Waýag adalary we Akula kenary syýahatçylar üçin iň täsin başdangeçirmeleri hödürleýär. Mansuar adasynda bolsa ak çägäniň üstünde Günüň batyşyny synlamak gaýtalanmajak duýgulary döredýär. Bu ada Raja Ampat arhipelagynyň iň pes adasydyr.

Tebigaty söýüjiler Raja Ampatda diňe şol ýerde gabat gelýän gyzyl jennet guşuny hem ýakyndan synlap bilýärler. Iki sany uzyn ýelegi, seçege meňzeş guýrugy bolan gyzyl guş uzakdan edil güle meňzeýär.



# Näme üçin köne fotosuratlarda HIÇ KIM ÝYLGYRMAÝAR?!

**Köne surat albomlaryny gözden geçirýärkäňiz, megerem, geň ýagdaýa üns beren bolsaňyz gerek. Toý, doglan gün ýa-da haýsydyr bir baýramçylyk pursady, ýöne fotosuratda hiç kim ýylgyrmaýar. Hemmeler çynlakaý äheňde, agras ýüzli. Eýsem, köne fotosuratlardaky çynlakaý bakyşlaryň aňyrsynda nähili sebäpler barka?! Bu surata düşürmegiň tehniki taýdan kemçiligimi ýa-da medeniýetiň alamatymy?!**

Fotosuratlar häzirki zaman durmuşymyzyň aýrylmaz bölegidir. Soňky wagtlar surata ýylgyryp we begençli keşpde düşülýän bolsa, XIX asyra dolansak, düýbünden başga bir gurşawa göz ýetirýärsiň.

Ýylgyrman surata düşmegiň esasy sebäpleriniň biri şol döwürdäki fotoenjamlary gurnamak bilen baglydyr. Köne fotoenjamlarda surata düşürmek üçin birnäçe minut wagt gerek bolandygy sebäpli, adamyň ýylgyryşyny takyk surata düşürip bolmandyr. Şol sebäpli surata düşýän adamlar gymyldaman garaşmaly bolupdyrlar. Hereket bolan halatynda suratda bulaşyklyk emele gelipdir.

Professor Kristina Koçemidowanyň pikirine görä, kameranyň öňünde edepli surata düşmek jemgyýetçilik kadalary bilen baglanyşykly hasap edilýär. Şol döwürde fotosurata seredip, suratçynyň hünär ussatlygyna we estetika baha berlipdir. Şonuň üçin fotosuratçylar adamlary çynlakaý ýagdaýda surata düşürmäge çalşypdyrlar. Başgaça aýdylanda, şol wagtlar fotosurat gysga wagtlyk duýgyny däl-de, adamyň jemgyýetdäki abraýyny görkezmek üçin niýetlenipdir.

Başga bir maglumata görä, 200 ýyl mundan ozal adamlaryň ýylgyrman surata düşmeginiň sebäbi psihologik we sosial kadalar bilen baglydyr. Şol döwürler sebäpsiz ýylgyrmak oňyn many bermändir. Fotosuratçylar ýylgyrmagy dälilik we mekirlik ýaly adam häsiýetleri bilen baglanyşdyrypdyrlar. Agras keşpdäki adamlar asylly we abraýly kişiler hasap edilipdir.

Käbir bilermenleriň pikiriçe, fotosurat oýlanyp tapylanda suratkeşlik däplerinden nusga alypdyr. Bu bolsa agras keşpli fotosuraty emele getiripdir. Belläp geçsek, şol döwrüň kartinalarynyň ählisinden tapawutly başga bir surat eseri köpleri geň galdyrypdyr. Bu Leonardo da Winçiniň «Mona Liza» kartinasydyr. Meşhur italýan suratkeşi syrly ýylgyrýan Mona Lizanyň kartinasyny döretmek üçin ýyllarboýy zähmet çekipdir.



Häzirki wagtda «cheez» (peýnir) diýip ýylgyryp, surata düşmek ýörgünli däbe öwrüldi. Emma öňki adamlar ýylgyryp surata düşmegi estetika gabat gelmeýän gödeklik hasaplapdyrlar. Fotosuraty geljek üçin hemişelik ýazgy we maglumat hökmünde kabul edilipdir. Şol sebäpli hem surata kämil derejede düşüpdirler.

# Telewizora ýakyndan tomaşa etmek GÖZ ÜÇIN ZYÝANLYMY?!

**Ynsanlaryň arasynda ýakyn aralykdan telewizora tomaşa etmegiň gözüňi zaýalaýandygy hakynda garaýyşlar bar. Geçirilen barlaglarda oftalmologlar telewizora ýakyndan ýa-da uzakdan tomaşa etmegiň göze zyýan bermeýändigini, uzak wagtlap seretmegiň görşi ýadadýandygyny ýüze çykardylar. Köplenç, ata-eneler tarapyndan çagalar üçin ulanylýan bu duýduryş dogry hasaplanmaýar. Ýakyn aralykdan telewizora tomaşa edilende, şekiller bulaşyk görünýär, bu bolsa gözüň şekilleri yzarlamagyny kynlaşdyrýar. Şeýle hem gözüň myşsalarynda ýadawlyk döredýär, kellagyry we käte ýürek bulanma ýaly ýagdaýlara getirýär.**

**ARALYK NÄÇE BOLMALY?**

**Telewizora tomaşa etmegiň aralygy ekranyň ululygyna görä üýtgeýär. Ýöne ortaça 2-2,5 metr aralyk göz üçin zerur bolan rahatlygy üpjün edýär. Ata-eneler köplenç göz bilen bagly oňaýsyz alamatlary ýakyn aralykdan telewizora tomaşa etmek bilen baglanyşdyrýarlar. Bilermenler görüş bilen bagly ýagdaýlaryň kompýutere, öýjükli telefona hem-de planşete köp wagtlap seredip oturmak**



**esasynda ýüze çykýandygyny, ekranyň kiçiliginiň, güýçli ýagtylygyň gözüň guramagyna sebäp bolýandygyny belleýärler. Şonuň üçin hem göz myşsalaryny ýadadýan kiçi ekranlara belli bir wagtdan arakesme edip seretmegi maslahat berýärler. Şeýle hem telewizoryň ululygyna görä aralygy saýlamagyň talabalaýyk boljakdygyny belleýärler.**



# 10-njy tapgyryň duşuşyklary

**Türkmenistanyň futbol çempionatynda 10-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 4 oýunda 10 gol hasaba alnyp, 1 duşuşykdan gol sesi eşidilmedi.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Altyn Asyr» toparyndan 5–0 hasabynda üstün çykdy. Tutuşlygyna ýer eýeleriniň artykmaçlygynda geçen oýunda Didar Durdyýew (27, 64 p), Baýram Ataýew (55), Ýazgylyç Gurbanow (65) hem-de Arzuwguly Sapargulyýew (69) tapawutlandy.

«Ahal» topary myhmançylykda «Merw» bilen duşuşyp, 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollaryň ählisi hem 2-nji ýarymda geçirilip, «Ahal» toparynyň pökgülerini Süleýman Mirzoýew (52), Myratberdi Berenow (60) hem-de Ýakupmuhammet Gowşudow (84) derweze girizdi. «Merwiň» ýeke-täk goluny bolsa 90-njy minutda Ezizmuhammet Orazmämmedow öz adyna ýazdyrdy.

«Aşgabat» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky oýunda ýeňijini ýeke gol kesgitledi. Şol golyda paýtagtlylaryň adyndan 16-njy minutda Nurulla Raimberdiýew derweze girizdi.

Tapgyryň golsuz geçen ýeke-täk duşuşygynda «Köpetdag» bilen «Şagadam» 0–0 hasabynda deňme-deň oýnady.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 10 | 10 | 0 | 0 | 40-4 | 30 |
| 2 | «AHAL» | 10 | 6 | 2 | 2 | 21-10 | 20 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 10 | 6 | 1 | 3 | 17-12 | 19 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 10 | 3 | 3 | 4 | 10--12 | 12 |
| 5 | «MERW» | 10 | 3 | 2 | 5 | 14-27 | 11 |
| 6 | «NEBITÇI» | 10 | 3 | 1 | 6 | 5--12 | 10 |
| 7 | «AŞGABAT» | 10 | 2 | 1 | 7 | 7--18 | 7 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 10 | 1 | 2 | 7 | 9--28 | 5 |

# Yzly-yzyna 6-njy finalynda 4-nji gezek kubogy eýeledi

**UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasyna «Barselona» topary mynasyp boldy. 25-nji gezek geçirilen ýaryşyň finaly Norwegiýanyň paýtagty Oslodaky «Ullewaal» stadionynda oýnaldy. Çekeleşikli geçen finalda Ispaniýanyň «Barselona» topary Fransiýanyň «Lion» toparyny 4-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşyga 24 müň 258 janköýer tomaşa etmäge gatnaşdy.**

Ýeke oýunda hem ýeňilmän finala çykan «Barselona» duşuşykda erjel oýun görkezdi. Oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. 2-nji ýarymda, has takygy, 55-nji we 69-njy minutlarda tapawutlanan katalonlaryň polşaly hüjümçisi Ewa Paýor toparyny 2–0 hasabynda öňe saýlady. Duşuşygyň ahyrynda bolsa Salma Paralýuelo 2 gol geçirmegi başardy. Ol 90-njy minutda hem-de 90+3-nji minutda owadan gollary derweze girizdi. Şunlukda, «Barselona» topary soňky 6 ýylda 4-nji gezek Çempionlar Ligasynda ýeňiş gazandy. Kataloniýaly zenanlar mundan öň 2021-nji, 2023-nji hem-de 2024-nji ýyllarda yklymyň iň uly kubogyny asmana göteripdi. «Barselona» topary bassyr 6 ýyldan bäri finala çykyp gelýär. Ispan kluby 2022-nji ýylda «Liondan» 3–1, 2025-nji ýylda «Arsenaldan» 1–0 hasabynda utulypdy. «Barselona» topary ilkinji finalynda bolsa 2019-njy ýylda «Liondan» ýeňlipdi. «Barselona» topary 4 gezek çempion bolan «Aýntraht» bilen deňleşdi.

Bu kubogy iň köp eýelän «Lion» topary (8) 2010-njy, 2013-nji hem-de 2024-nji ýyllardan soň 4-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy. «Barselonany» finalda 2 gezek ýeňen «Lion» 2-nji sapar hem garşydaşyndan utuldy.




DÜNÝÄ KUBOGYNA
16
GÜN GALDY

# Ronaldonyň «Al-Nassrdaky» ilkinji çempionlygy

Saud Arabystanynyň çempionaty SPL-de «Al-Nassr» toparynyň ýeňişsiz arakesmesi tamamlandy. 34-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Damak» toparyny Sadio Maneniň (34), Kingsli Komanyň (52), Kristiano Ronaldonyň (62, 80) gollary bilen 4–1 hasabynda ýeňen «Al-Nassr» topary 6 ýyllyk arakesmeden soň çempionlygyny baýram etdi. Bu olaryň 11-nji çempionlygy bolup (1974, 1975, 1980, 1981, 1989, 1994, 1995, 2014, 2015, 2019, 2026), şol bir wagtyň özünde super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň «Al-Nassr» toparynda gazanan ilkinji uly kubogy hökmünde hasaba alyndy. Umumylykda bolsa Ronaldo 35-nji kubogyny asmana göterdi. Toparyň tälimçisi Žorže Žeşuş bolsa «Al-Hilaldan» soň «Al-Nassr» klubuny hem çempion etmegi başardy.



1957-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Saud Arabystanynyň çempionatynda «Al-Hilal» 21, «Al-Ittihad» 14, «Al-Nassr» 11, «Al-Ahli» 9 gezek çempionlyk gazandy.

# KUBOK ÝARYŞLARYNYŇ ÝEŇIJILERI

Germaniýanyň Kubogy (DFB-Pokal) ýaryşynda «Bawariýa» topary ýeňiş gazandy. Münhenliler paýtagt Berlindäki «Olympiastadion»-da oýnalan we 74 müň 36 janköýeriň tomaşa eden finalynda kubogyň soňky eýesi «Ştutgartdan» 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Bawariýa» ýeňiş getiren gollaryň 3-sini hem Harri Keýn



geçirip, ol 55-nji, 80-nji hem-de 90+2-nji (p) minutlarda tapawutlandy. Şeýlelikde, çempionlykdan soň kubogy hem gazanan «Bawariýa» möwsümi goşa üstünlik bilen tamamlady. Kubogy soňky gezek 2020-nji ýylda gazanan «Bawariýa» 21-nji sapar Germaniýanyň Kubogynyň eýesi boldy. Münhenliler bu ugurda 2-nji ýerdäki «Werderden» (6 kubok) ep-esli öňde barýar.

Şeýle-de, finalda het-trik eden Harri Keýniň şu möwsümde «Bawariýanyň» düzüminde geçiren gollarynyň sany 61-e ýetdi. Ol şu möwsümiň çäginde milli toparda da 5 gezek tapawutlandy. Keýn hem çempionatda, hem-de Kubok ýaryşynda iň köp gol geçiren futbolçy boldy. Bu onuň «Bawariýadaky» 4-nji kubogydyr.

● Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda «Lans» topary ýeňiji boldy. «Lans» Sen-Denidäki «Stade de France»



stadionynda oýnalan finalda «Nissa» bilen duşuşyp, 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Lans» toparyna ýeňiş getiren gollary Florian Towen (25), Odson Edward (42) hem-de Abdallah Sima (78) geçirdi. «Nissa» toparynyň ýeke-täk goluny Jibril Kulibali (45+3) öz adyna ýazdyrdy.

Şeýlelikde, «Lans» topary taryhynda ilkinji gezek Fransiýanyň Kubogyna mynasyp boldy. Bu olaryň 4-nji finaly bolup, 1948-nji, 1975-nji hem-de 1998-nji ýyllarda ýeňlipdi. Çempionlygy PSŽ toparyna aldyran «Lans» täze möwsümde Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

Taryhynda 3 gezek — 1952-nji, 1954-nji hem-de 1997-nji ýyllarda bu kubogy gazanan «Nissa» topary bolsa 3-nji sapar finalda ýeňlişe sezewar boldy.

● Türkiýäniň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Trabzonspor» bilen «Konýaspor» toparlary duşuşdy. Antalýa şäheriniň adybir stadionynda oýnalan finalda «Trabzonspor» nigeriýaly hüjümçisi Paul Onuaçiniň 18-nji we 79-



njy minutlarda (p) geçiren gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Konýaspordan» Jekson Mulekanyň 50-nji minutda salan goly ýeňşe ýetmedi. Şeýlelikde, «Trabzonspor» topary 10-njy gezek (1977, 1978, 1984, 1992, 1995, 2003, 2004, 2010, 2020, 2026) Türkiýäniň Kubogyny eýelemegi başardy. Garadeňiz sebitiniň wekili bassyr 3-nji gezek finala çykyp, 2024-nji ýylda «Beşiktaşdan», 2025-nji ýylda-da «Galatasaraýdan» asgyn gelipdi. Türkiýäniň Kubogyny iň köp «Galatasaraý» eýeläp, stambullylar 19 gezek kuboga mynasyp boldy. «Beşiktaş» toparynyň 11, «Trabzonsporyň» 10, «Fenerbahçe» toparynyň bolsa 7 kubogy bar.

● Portugaliýanyň Kubogy ýaryşynda garaşylmadyk topar ýeňiji boldy. Oeiraş şäherinde oýnalan finalda 2-nji liganyň wekili «Torreense» topary «Sporting» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Torreense» Zohiniň 4-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. «Sporting» 50 minutdan soň Luiz Suaresiň goly bilen hasaby deňledi. Oýnuň esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda, has takygy, 112-nji minutda Stopiranyň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen «Torreense» 2-nji gezek öňe saýlandy. Ýöne lissabonlylar bu gezek jogap berip ýetişmediler. Şunlukda, şu wagta çenli bary-ýogy 6 möw-




süm ýokary ligada çykyş eden (soňky gezek 1991/92 möwsüminde) «Torreense» topary 109 ýyllyk taryhynda ilkinji sapar Portugaliýanyň Kubogyna mynasyp boldy.

● Russiýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Spartak» bilen «Krasnodar» duşuşdy. Moskwadaky «Lužniki» stadionynda oýnalan duşuşygyň esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. 36-njy minutda «Spartak» Solariniň goly bilen öňe geçse, «Krasnodar» Augustonyň 57-nji minutdaky goly esasynda jogap berdi. Oýundan soň goşmaça wagt berilmezden, 11 metrlik urgular ýerine ýetirildi. Bu urgularda 4–3 hasabynda üstün çykan Moskwanyň «Spartagy» 1994-nji, 1998-nji, 2003-nji hem-de 2022-nji ýyllardan soň 5-nji gezek Russiýanyň Kubogyna mynasyp boldy. Bu ugurda SSKA bilen «Lokomotiw» 9 kubok gazanyp, öňdeligi eýeleýärler. Şol sanda «Zenitiň» hem 5 kubogy bar.



# «Milan» elindäki pursady giderdi

Italiýanyň çempionatynda çempion «Inter» myhmançylykda «Bolonýa» bilen 3–3 hasabynda deňme-deň oýnady. Öz meýdançasynda «Kaliariden» öňe geçendigine garamazdan, 2–1 hasabynda asgyn gelen «Milan» 5-nji ýeri eýeledi. Netijede, Allegriniň şägirtleri öz elleriindäki mümkinçilikden peýdalanyp bilmän, täze möwsümde Çempionlar Ligasynyň daşynda galdy. Edil şonuň ýaly, «Ýuwentus» hem «Torino» bilen myhmançylykda duşuşyp, Wlahowiçiň gollary esasynda 2–0 öňe saýlanan hem bolsa, deňme-deň oýnady. «Milan» bilen «Ýuwentusyň» ornuna «Roma» hem-de «Komo» toparlary Çempionlar Ligasyna gatnaşarlar. «Roma» myhmançylykda «Weronany» Maleniň hem-de El-Şaarawiniň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Ýanwar aýynda rimlileriň düzümine goşulan Donýel Maleniň geçiren gollarynyň sany 14-e ýetdi. «Roma» 7 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşar. Şeýle-de, «Komo» hem myhmançylykda «Kremonezeni» 4–1 hasabynda ýeňip,



taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik etmäge hukuk gazandy. «Piza» we «Weronadan» soň «Kremoneze» aşaky liga giden 3-nji topar boldy.

# 13 ýyldan soň yklymyň çempiony

Basketbol boýunça yklymyň iň uly klub ýaryşy Ýewroligada çempion belli boldy. Gresiýanyň paýtagty Afinyda oýnalan «Final Four»-yň final duşuşygynda ýerli «Olimpiakos» bilen Ispaniýanyň «Real Madrid» toparlary duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda «Olimpiakos» 92:85 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda «Olimpiakosdan» Laýlz 24, Furnie 20, «Real Madridden» Hezonýa 19 utuk geçirdi. Çempion toparyň fransuz ýyldyzy Ewan Furnie «Final Four»-yň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

Şeýlelikde, «Olimpiakos» topary 13 ýyldan soň 4-nji çempionlygyny gazandy. Grek kluby mundan öň 1997-nji, 2012-nji we 2013-nji ýyllarda çempion bolupdy.

11 çempionlygy bolan «Real Madrid» bolsa 11-nji gezek finalda ýeňildi. «Real Madrid» topary soňky 5 ýylda 4-nji gezek finalda oýnap, olaryň diňe birinde kubogy eýeledi.



«Real Madrid» ýarym finalda Ispaniýanyň başga bir topary «Walensiýa Basketi» 105:90, «Olimpiakos» bolsa Türkiýäniň «Fenerbahçe Beko» toparyny 79:61 hasabynda ýeňipdi.

## PREMIER LEAGUE (38) – 24 gol

**Börnli—Wulwerhempton: 1–1** (Flemming 47 — Armstrong 5 p), **Braýton—M. Ýunaýted: 0–3** (Dorgu 33, Mbeumo 44, Bruno Fernandeş 48), **West Ham—Lids: 3–0** (Kastelýanos 67, Bowen 78, Wilson 90+4), **Kristal Palas—Arsenal: 1–2** (Mateta 89 — Žesus 42, Madueke 48), **Liwerpul—Brentford: 1–1** (Jons 58 – Şade 64), **Man. Siti—Aston Willa: 1–2** (Semenýo 23 — Watkins 47, 63), **N. Forest—Bornmut: 1–1** (Gibbs-Waýt 34 — Tawernie 54), **Sanderland—Çelsi: 2–1** (Hýum 25, Gusto 60 ö.d. — Palmer 56), **Tottenham—Ewerton: 1–0** (Palinýa 43), **Fulham—Nýukasl: 2–0** (Diop 20, Kerni 80)

## LA LIGA (38) — 31 gol

**Alawes—R. Wallekano: 1–2** (Martines 13 — Kamelýo 73, Nteka 90), **Betis—Lewante: 2–1** (Ezzalzuli 5, Fornals 68 – Espi 45+1), **Walensiýa—Barselona: 3–1** (Hawi Gerra 66, Rioha 71, Rodriges 90+7 — Lewandowski 61), **Žirona—Elçe: 1–1** (Martines 48 — Rodriges 39), **Malýorka—Owiedo: 3–0** (Pablo Torres 42, Morlanes 83, Muriki 88), **Real Madrid—Atletik: 4–2** (Gonzalo Garsiýa 12, Bellingam 41, Mbappe 51, Diaz 90 — Guruseta 45+1, Iseta 90+1), **Selta—Sewilýa: 1–0** (Moriba 51), **Hetafe—Osasuna: 1–0** (Milýa 59), **Espanýol—R. Sosiedad: 1–1** (Fernandes 65 — Oskarsson 28), **Wilýarreal—Atletiko: 5–1** (Pareho 30 p, Aýose Peres 34, 54, Mikautadze 40, Geýe 45 — Pubil 43)

## SERIE A (38) — 28 gol

**Fiorentina—Atalanta: 1–1** (Pikkoli 39 – Komuzzo 82 ö.d.), **Bolonýa—Inter: 3–3** (Bernardeski 25, Pobega 42, Zielinski 48 ö.d. — Dimarko 22, Espozito 64, Diuf 87), **Lasio—Pisa: 2–1** (Dele-Başiru 33, Pedro 35 — Moreo 23), **Parma—Sassuolo: 1–0** (Pellegrino 80), **Napoli—Udineze: 1–0** (Hýoýlunn 24), **Werona—Roma: 0–2** (Malen 56, El-Şaarawi 90+3), **Milan—Kaliari: 1–2** (Salemakers 2 — Borrelli 20, Rodriges 57), **Torino—Ýuwentus: 2–2** (Kazadei 60, Adams 84 — Wlahowiç 24, 54), **Kremoneze—Komo: 1–4** (Bonazzoli 55 p — Rodriges 36, Duwikas 51, Da Kunýa 74 p, 81), **Leçce—Jenoa: 1–0** (Banda 6)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL (Ç) | 38 | 26 | 7 | 5 | 71-27 | 85 |
| 2 | MAN. SITI | 38 | 23 | 9 | 6 | 77-35 | 78 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 38 | 20 | 11 | 7 | 69-50 | 71 |
| 4 | ASTON WILLA | 38 | 19 | 8 | 11 | 56-49 | 65 |
| 5 | LIWERPUL | 38 | 17 | 9 | 12 | 63-53 | 60 |
| 6 | BORNMUT | 38 | 13 | 18 | 7 | 58-54 | 57 |
| 7 | SANDERLAND | 38 | 14 | 12 | 12 | 42-48 | 54 |
| 8 | BRAÝTON | 38 | 14 | 11 | 13 | 52-46 | 53 |
| 9 | BRENTFORD | 38 | 14 | 11 | 13 | 55-52 | 53 |
| 10 | ÇELSI | 38 | 14 | 10 | 14 | 58-52 | 52 |
| 11 | FULHAM | 38 | 15 | 7 | 16 | 47-51 | 52 |
| 12 | NÝUKASL | 38 | 14 | 7 | 17 | 53-55 | 49 |
| 13 | EWERTON | 38 | 13 | 10 | 15 | 47-50 | 49 |
| 14 | LIDS | 38 | 11 | 14 | 13 | 49-56 | 47 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 38 | 11 | 12 | 15 | 41-51 | 45 |
| 16 | N. FOREST | 38 | 11 | 11 | 16 | 48-51 | 44 |
| 17 | TOTTENHAM | 38 | 10 | 11 | 17 | 48-57 | 41 |
| 18 | WEST HAM | 38 | 10 | 9 | 19 | 46-65 | 39 |
| 19 | BÖRNLI | 38 | 4 | 10 | 24 | 38-75 | 22 |
| 20 | W. HEMPTON | 38 | 3 | 11 | 24 | 27-68 | 20 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA (Ç) | 38 | 31 | 1 | 6 | 95-36 | 94 |
| 2 | REAL MADRID | 38 | 27 | 5 | 6 | 77-35 | 86 |
| 3 | WILÝARREAL | 38 | 22 | 6 | 10 | 72-46 | 72 |
| 4 | ATLETIKO M | 38 | 21 | 6 | 11 | 62-44 | 69 |
| 5 | BETIS | 38 | 15 | 15 | 8 | 59-48 | 60 |
| 6 | SELTA | 38 | 14 | 12 | 12 | 53-48 | 54 |
| 7 | HETAFE | 38 | 15 | 6 | 17 | 32-38 | 51 |
| 8 | R. WALLEKANO | 38 | 12 | 14 | 12 | 41-44 | 50 |
| 9 | WALENSIÝA | 38 | 13 | 10 | 15 | 46-55 | 49 |
| 10 | R. SOSIEDAD | 38 | 11 | 13 | 14 | 59-61 | 46 |
| 11 | ESPANÝOL | 38 | 12 | 10 | 16 | 43-55 | 46 |
| 12 | ATLETIK B | 38 | 13 | 6 | 19 | 43-58 | 45 |
| 13 | SEWILÝA | 38 | 12 | 7 | 19 | 46-60 | 43 |
| 14 | ALAWES | 38 | 11 | 10 | 17 | 44-56 | 43 |
| 15 | ELÇE | 38 | 10 | 13 | 15 | 49-57 | 43 |
| 16 | LEWANTE | 38 | 11 | 9 | 18 | 47-61 | 42 |
| 17 | OSASUNA | 38 | 11 | 9 | 18 | 44-50 | 42 |
| 18 | MALÝORKA | 38 | 11 | 9 | 18 | 47-57 | 42 |
| 19 | ŽIRONA | 38 | 9 | 14 | 15 | 39-55 | 41 |
| 20 | OWIEDO | 38 | 6 | 11 | 21 | 26-60 | 29 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER (Ç) | 38 | 27 | 6 | 5 | 89-35 | 87 |
| 2 | NAPOLI | 38 | 23 | 7 | 8 | 58-36 | 76 |
| 3 | ROMA | 38 | 23 | 4 | 11 | 59-31 | 73 |
| 4 | KOMO | 38 | 20 | 11 | 7 | 65-29 | 71 |
| 5 | MILAN | 38 | 20 | 10 | 8 | 53-35 | 70 |
| 6 | ÝUWENTUS | 38 | 19 | 12 | 7 | 61-34 | 69 |
| 7 | ATALANTA | 38 | 15 | 14 | 9 | 51-36 | 59 |
| 8 | BOLONÝA | 38 | 16 | 8 | 14 | 49-46 | 56 |
| 9 | LASIO | 38 | 14 | 12 | 12 | 41-40 | 54 |
| 10 | UDINEZE | 38 | 14 | 8 | 16 | 45-48 | 50 |
| 11 | SASSUOLO | 38 | 14 | 7 | 17 | 46-50 | 49 |
| 12 | TORINO | 38 | 12 | 9 | 17 | 44-63 | 45 |
| 13 | PARMA | 38 | 11 | 12 | 15 | 28-46 | 45 |
| 14 | KALIARI | 38 | 11 | 10 | 17 | 40-53 | 43 |
| 15 | FIORENTINA | 38 | 9 | 15 | 14 | 41-50 | 42 |
| 16 | JENOA | 38 | 10 | 11 | 17 | 41-51 | 41 |
| 17 | LEÇÇE | 38 | 10 | 8 | 20 | 28-50 | 38 |
| 18 | KREMONEZE | 38 | 8 | 10 | 20 | 32-57 | 34 |
| 19 | WERONA | 38 | 3 | 12 | 23 | 25-61 | 21 |
| 20 | PISA | 38 | 2 | 12 | 24 | 26-71 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 27 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 22 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 17 |
| 4 | Olli WOTKINS (Aston Willa) | 16 |
| 5 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 25 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 23 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 17 |
| 4 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 16 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 17 |
| 2 | Doniell MALEN (Roma) | 14 |
| 3 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 14 |
| 4 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 12 |

# Pep, Salah, Silwa, Lewandowski... klublary bilen hoşlaşdylar

**21-nji asist we taryhy rekord**

● Angliýanyň çempionatynda 22 ýyllyk arakesmeden soň çempionlygyny baýram eden «Arsenal» Londonda «Kristal



Palasyň» myhmany bolup, garşydaşyny 2–1 hasabynda ýeňdi. «Mançester Siti» öz meýdançasynda Pep Guardiolanyň klubdaky iň soňky duşuşygynda «Aston Willadan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykdan soň Guardiola, şol sanda Bernardo Silwa, Jon Stounz duýguly pursatlary başdan geçirip, klub hem-de janköýerler bilen hoşlaşdy. «Braýtony» myhmançylykda 3–0 hasabynda ýeňen «Mançester Ýunaýtediň» gollaryny Dorgu, Mbeumo hem-de Bruno Fernandeş geçirdi. 1-nji goluň pasyny beren portugaliýaly Bruno Fernandeş APL-de 1 möwsümde iň köp asist





eden oýunçy rekordynyň täze eýesi boldy. Möwsümiň iň ökde oýunçysy saýlanan Bruno Fernandeş 21-nji asistini edip, Tierri Anri hem-de Kewin de Bruýneniň rekordyny täzeledi. Öz meýdançasynda «Brentford» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan «Liwerpulda» Mohamed Salah hem-de Andi Robertson klubdaky iň soňky oýunlaryny geçirdiler. Duşuşykda Mohamed Salah «Liwerpuldaky» 93-nji asistini edip, bu ugurda Stiwen Jerrardyň rekordyny täzeledi. «Sanderlanddan» 2–1 hasabynda utulan «Çelsi» möwsümi 10-njy orunda tamamlap, täze möwsümde Ýewrokuboklaryň daşynda galdy. Çempionaty 6-njy orunda tamamlan «Bornmut» indiki möwsümde taryhynda ilkinji gezek Ýewropa Ligasynda çykyş eder. «Ewertony» Palinýanyň 43-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Tottenham» bu möwsümde hem soňky demde ligada galmagy başardy. Öz meýdançasynda «Lidsi» 3–0 hasabynda ýeňen «West Ham» topary 15 ýyldan soň «Premier Liga» bilen hoşlaşdy.

**«Barselona» ýeňliş, «Real» ýeňiş bilen jemledi**

● Ispaniýanyň çempionatynyň 95-nji möwsümi tamamlandy. Çempionlygyny öň yglan eden «Barselona» myhmançylykda «Walensiýadan» öňe geçendigine garamazdan, 3–1 hasabynda asgyn geldi. Katalonlaryň ýeke-täk goluny Robert Lewandowski geçirip, ol «Barselonanyň» köýnekçesi bilen iň soňky gezek meýdança çykdy. «Barselona» öz meýdançasynda geçiren ähli duşuşygynda ýeňiş gazanyp, taryhy rekord goýdy. 2-nji ýerdäki «Real Madrid» öz meýdançasynda «Atletik Bilbaony» 4-2 hasabynda utmagy başardy. Dani Karwahal bilen Dawid Alaba «Realdaky» soňky duşuşyklaryny geçirdiler. Şeýle-de, «Elçe» bilen öz meýdançasynda deňme-deň oýnan «Žirona» topary 4 ýyldan soň 2-nji liga dolandy. Şol sanda «Malýorka» topary-da öz meýdançasynda «Owiedony» 3–0 hasabynda ýeňendigine garamazdan, çempionaty 18-nji orunda tamamlap, 5 möwsümlik «La Liga» başdan geçirmesinden soň 2-nji liga düşmeli boldy. 3-nji ýer üçin göreşýän 2 toparyň duşuşygynda «Wilýarreal» öz meýdançasynda «Atletiko Madridi» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.





Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.





# Kanistel – hurma meňzeş süýri miwe

**«Ýumurtga miwesi» ady bilen tanalýan kanisteliň ata Watany Merkezi Amerikanyň tropik sebitleri hasaplanýar. Hurma meňzeş bu süýri miwe XX asyryň başynda Aziýa sebitine getirilýär. Günorta Aziýa ýurtlarynda, Tailandda we Filippinlerde ösdürilip ýetişdirilýän bu miwäniň kädä we badada meňzeş özboluşly tagamy bolýar. Ýokumlylygy bilen tapawutlanýan bu miwäniň içinde edil hurmaňka meňzeş ullakan çigitleri bolýar.**

**Bişen kanistel miwesi ýumurtganyň sarysy ýaly doýgun reňkde bolýar. «Ýumurtga miwesi» göklügine ýygnalýar we 3-10 gün otag temperaturasynda saklanýar. Saralyp bişenden soň bolsa sowadyjyda goýulýar. Miwäniň ululygy 6-12 santimetr aralygynda, agramy bolsa 100-400 gram töweregi bolýar.**



**Kanistel miwesi boýy 3-8 metre çenli ýetýän, hemişe ýaşyl öwsüp oturan adybir agaçda ýetişýär. Örän haýal ösýän bu agaja başgaça kek agajy, ýumurtga agajy ýa-da sary sapote hem diýilýär. Kek agajynyň şahalary ýaýraň görnüşde bolup, hoşboý ysly ak gül açýar. Şetdala meňzeş ýapragy bolan bu agajyň her düýbünden ortaça 30 kilogram hasyl alyp bolýar.**

# DEŇZIŇ SYRLY JANDARY

Atlantik ummanynyň demirgazygyndaky buzluklaryň aşagynda ýaşaýan Grenlandiýa akulalary ylmy dünýäni haýran galdyrýar. Soňky geçirilen barlaglarda bu ägirt jandaryň 400 ýyldan gowrak ýaşaýandygy we ýetginjeklik döwrüniň 150 ýyl dowam edýändigi ýüze çykaryldy. Geň tarapy, Grenlandiýa akulasy 150 ýaşynda, ýagny 4 metre ýetende hem «çaga» hasap edilýär. Bu äpet balyklar 1 asyrdan gowrak wagtlap «çagalyk döwründe» galýarlar.

Grenlandiýa akulalarynyň ýaşyny kesgitlemek uzak wagtlap mümkin däl hasaplanýardy. Beýleki balyklardan tapawutlylykda, äpet balygyň ýaş halkasyny görkezýän berk süňk dokumasy ýok. Şol sebäpli Kopengagen uniwersitetiniň deňiz biologlary akulanyň göz linzasyndaky belokdan nusga alyp, radiouglerod seneleme usuly arkaly barlag geçirdiler. Alymlar 28 akulany öwrenip, olaryň ýaşynyň 272-512 ýyl aralygyndadygyny ýüze çykardylar.

Deňziň iň haýal we iň syrly «ýaşaýjylarynyň» biri bolan Grenlandiýa akulasy (Somniosus microcephalus) diňe





ummandaky däl, eýsem, gury ýerdäki oňurgaly janly-jandarlaryň hem iň uzak ýaşaýany hasap edilýär. Uzynlygy 5 metre ýetýän äpet balygyň agramy 1 tonnadan geçýär. Taryhy döwürlere şaýat bolan Grenlandiýa akulasy ýylda 1 santimetr çemesi ösýär. Bu haýal ösüş Grenlandiýada ýaşaýan äpet balyklaryň uzak ýaşamagynyň syry hasap edilýär. Grenlandiýa akulasy ýyrtyjy jandar hasaplanýar. Ownuk balyk, deňiz süýdemdirijileri, heläk bolan süýdemdirijiler, delfin, düwlen we kiçi kitler bilen iýmitlenýän äpet balyklaryň sagatdaky ýüzüş tizligi 2,6 kilometre ýetýär. Örän haýal hereket edýän çal akulalar balyklary göni agzyna çekmek üçin ýörite sorma usulyny ulanýarlar. Grenlandiýa akulasy deňziň 150 metrden 1200 metre çenli çuňlugynda ýaşaýar.

IKCO
IRAN KHODRO Industrial Group

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Türkmenistanyň belent mertebeli Prezidenti!***

Sizi musulman äleminiň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen şanly ýylda giňden baýram ediljek Gurban baýramy biziň ýurtlarymyzyň halklary üçin mukaddes baýramlaryň biridir.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bu baýram giňden hem-de dabaraly bellenmek bilen, Siziň parasatly baştutanlygyňyzda dostlukly türkmen halkynyň mizemez jebisligini, parahatçylygyň, ynsanperwerligiň we döredijiligiň belent maksatlaryna üýtgewsiz ygrarlydygyny beýan edýär.

***Türkmenistanyň hormatly Prezidenti!***

Sizi ýene bir ýola Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür hem-de Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň, türkmen halkynyň bagtyýar durmuşynyň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO»**
**golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUBIGIŇ KUBIGI nädip oýlanyp tapyldy?!

Wenger arhitektory we dizaýn porofessory Erno Rubik okuwçylaryň üç ölçegli giňişlige has gowy düşünmegine kömek etjek täze bir esbaby döretmegi maksat edinýär. Şeýlelikde, ol 1974-nji ýylda ähli tarapy aýlanýan reňkli agaç bölejiklerden düzülen oýnawajy oýlap tapýar. 1975-nji ýylda Rubik üç ölçegli esbabyna patent alýar. 1978-nji ýylda bu oýnawaç Täze ýyl baýramçylygynyň öňüsyrasynda «Jadyly kubik» (Buvuos Kocka) ady bilen çagalara hödürlenilýär. 1980-nji ýylda köpçülikleýin önümçiligine başlanmagy bilen Rubigiň kubigi bütin dünýä ýaýraýar. Häzirki wagtda millionlarça adamyň gyzykly güýmenjesine öwrülen, ökdeler tarapyndan birnäçe sekundyň içinde aňsatlyk bilen çözülýän tapmaçanyň gyzykly hekaýasy bar.



Dünýäde iň köp satylýan oýnawaçlaryň biri bolan Rubigiň kubigi çözmesi ýeňil bolmadyk tapmaçalaryň biri hasaplanýar. 6 taraply, 26 sany aýlanýan kubikden ybarat oýnawajy Erno Rubigiň özi hem ilkibaşda çözüp bilmeýär. Ol birnäçe günläp otagyndan çykman, kubigiň reňklerini gabat getirmek üçin synanyşýar. Matematik algoritmler bilen tejribe geçirip, kubigiň burçlaryny we gyralaryny üns bilen yzarlaýar. Netijede, 1 aýdan soň daşyndan aňsat ýaly görünýän köp kombinasiýaly oýnawajy çözmegi başarýar.

Ilkibaşda «Jadyly kubik» diýlen bu oýnawaç soňra «Rubigiň kubigi» diýlip atlandyrylýar. Ýatkeşligi güýçlendirmek we beýnini işjeňleşdirmek üçin iň gowy matematik esbap hasaplanýar. Rubigiň kubiginiň dörtburç (2x2, 3x3, 4x4, 5x5), üçburç (piramida meňzeş) we köpgyranly görnüşleri bar. 43 kwintillion kombinasiýasy bolan Rubigiň kubigini soňky ýyllarda synag maksady bilen robotlara hem düzdürýärler.

Täze aý

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi her bir güni döwletimiziň we halkymyzyň durmuşyndaky şanly wakalara beslenýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda ýokary ruhubelentlikde bellenilýän, adamzadyň belent ruhy-ahlak gymmatlyklaryny dabaralandyrýan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Belent mertebeli Prezidentimiz!** Asylly däbimize eýerilip, bu nurana baýram günlerinde ýurdumyzyň ähli oba-şäherlerinde, her bir maşgalada bereketli saçaklar giňden ýazylýar, Garaşsyz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň hatyrasyna gurbanlyk sadakalary berilýär, ýagşy doga-dilegler edilýär. Raýatlarymyzyň yslam dünýäsiniň mukaddesliklerine zyýarat etmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär.

Siziň: «Gurban baýramy adamzadyň tämiz ruhy-ahlak gözellikleriniň, ynsanperwerlik ýörelgelerini dabaralandyrýan iň gadymy hem-de mukaddes baýramlaryň biridir» diýip nygtaýşyňyz ýaly, tutuş adamzadyň belent ruhy-ahlak gymmatlyklaryny dabaralandyrýan Gurban baýramy halkymyzyň ynsanperwer ýörelgelerine daýanýar. Bu baýramyň eziz Diýarymyzyň ähli künjeklerinde şatlyk-şowhuna beslenip geçirilmegi ata-babalarymyzdan gelýän milli däp-dessurlarymyza, toý-baýramlarymyza aýratyn sarpa goýulýandygynyň nyşanydyr.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň abadan, bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaçlyklara beslenmegini, merdana halkymyza bolsa, asuda asman, bagtyýar durmuş arzuw edýäris.

Goý, Gurban baýramy günlerinde Watanymyzyň abadançylygy, adamzadyň bagtyýar we parahat durmuşy arzuwlanyp ediljek doga-dilegler Beýik Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÄZE AÝ» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

OJAR AZIÝA

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi belent ynsanperwerlik gymmatlyklaryny we egsilmez ruhy baýlygy özünde jemleýän mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Ýürekdeşlige, dost-doganlyga hem-de hoşniýetlilige ýugrulan Gurban baýramy watansöýüji, adalatly, sabyr-kanagatly, sahawatly bolmak baradaky müdimi ýörelgeleri özünde jemleýär. Bütin durky bilen halallyga, arassa ahlaklylyga uýan ata-babalarymyz ynsanperwerligi, dost-doganlygy we dogruçyllygy, hoşniýetliligi we ýagşylyk etmegi durmuş kadasyna öwrüpdirler. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu kadalar her bir maşgalanyň abadançylygynyň, tutuş jemgyýetimiziň agzybirliginiň hem-de bitewüliginiň girewi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Halkymyzyň bagtyýarlygyny, ýurdumyzyň abadançylygyny Beýik Biribardan dileg edýäris! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ägirt uly özgertmelerini durmuşa geçirmekde Size uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«OJAR AZIÝA» hususy kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

DOS "Dost gurluşyk, söwda, önümçilik" H.J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Ähli musulman halklary bilen bilelikde ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny agzybirlikde bellemek halkymyza nesip etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DOST GURLUŞYK, SÖWDA, ÖNÜMÇILIK»**
**hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli türkmenistanlylary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bellenilýän mukaddes Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size uzak ömür, berk jan saglyk, halkymyzyň röwşen geljeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikleri dileýäris! Türkmenistanyň mähriban halkyna abadançylyk, rowaçlyk, agzybirlik we jebislik, şatlyk we bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze öwüşgine eýe bolan milli gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Gurban baýramy mynasybetli Size uzak ömür, berk jan saglyk, alyp barýan işleriňizde üstünlik, halkymyza bagtyýarlyk arzuw edýäris! Aýt-gurbanlygyňyz, etjek doga-dilegleriňiz kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny mukaddes baýramçylyk bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy uly ruhubelentlik, güýç-gaýrat, päklik bilen ýaşamagy aňladýar. Indiki ýyllarda-da Siziň baştutanlygyňyzda agzybirlik bilen Gurban baýramyny bellemek her birimize miýesser etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

«TÜRKMENHIMIÝA»
DÖWLET KONSERNINIŇ
## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli türkmenistanlylary mukaddes Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys! Gurban baýramy hormatyň, dostlugyň, ýaraşygyň, agzybirligiň, birek-birege hemaýat bermegiň, parahatçylygyň baýramydyr. Goý, ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny Siziň baştutanlygyňyzda bellemek hemmämize nesip etsin!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli halkymyzy musulman ymmatynyň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Ýurdumyzda her ýyl Gurban baýramy dabaralanyp, agzybirlikde, ruhubelentlikde, şatlyk-şagalaňda, rysgal-bereketde bellenilýär. Ol bagtyýar halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, azat, erkana durmuşyny, ynsana goýulýan belent sarpany aňladýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işiňiz rowaç bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy ulus-ili bir saçagyň, bir ojagyň, päk niýetiň başynda jemleýän baýramdyr. Gurbanlyk berilýän öýde adamlaryň jem bolup, tagam taýýarlamaklary, ýaşulularyň kethudalyk hyzmatynda gaýym durmagy ýürekdeşligiň, agzybirligiň nyşanlarydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişligindäki abraýy barha ýokarlanýar we pugtalanýar. Gurban baýramy halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, parahatçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýeren edermen pederlerimizden miras galan milli ruhy gymmatlyklara we ýagşy dessurlara üýtgewsiz ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, umumadamzat bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk, halkymyza bolsa bagtyýarlyk hem-de abadançylyk arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»**
**ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

CNPC

### ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Уважаемый господин Президент!**

От имени филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC IT) в Туркменистане примите наши искренние и сердечные поздравления по случаю священного праздника Курбан байрам!

Этот светлый праздник, олицетворяющий милосердие, единство и духовное обновление, наполняет сердца людей добром, надеждой и верой в лучшее будущее. Пусть он принесет в каждый дом мир, благополучие и процветание.

Пользуясь этой возможностью, выражаем глубокое уважение и признательность за Вашу мудрую политику и неизменную поддержку взаимовыгодного сотрудничества. Мы высоко ценим сложившиеся партнерские отношения между CNPC и Туркменистаном и уверены в их дальнейшем успешном развитии.

Желаем Вам крепкого здоровья, счастья и новых успехов в Вашей государственной деятельности, а дружественному народу Туркменистана – мира, стабильности и процветания.

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC IT) в Туркменистане.**

HUAWEI

### ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmen halkyny Gurban baýramy bilen gutlaýarys! Size türkmen halkynyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

### ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Многоуважаемый Президент Туркменистана!**

Компания «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» поздравляет Вас и весь туркменский народ с праздником Курбан байрам! Желаем Вам успешной работы в деле повышения благосостояния туркменского народа и укрепления авторитета Туркменистана на международной арене, а народу Туркменистана счастья и благополучия.

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA BELENT MERTEBELI PREZIDENTIMIZ!

Sizi Beýik Biribara sygynmagyň hem-de ägirt uly rehim-şepagatyny eçilmeginiň nyşany bolan mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Bu nurana baýram dünýäniň ähli musulmanlary üçin birek-birege hoşniýetlilik, ýürekdeşlik, agzybirlik, sahawatlylyk we ynsanperwerlik ýaly belent ruhy gymmatlyklary alamatlandyrýar.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz!**

Siziň halkymyzyň eşretli, abadan durmuşynyň, nesillerimiziň bagtyýar geljeginiň hatyrasyna durmuşa geçirýän tutumlaryňyz, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryňyz bizi çäksiz guwandyrýar, buýsandyrýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda çuňňur pähim-parasada ýugrulan il-ýurt bähbitli maksatnamalaryňyz has-da rowaç alyp, ýurdumyzy ösüşleriň ýolunda täze derejelere çykarýar.

Bu taryhy döwürde merdana halkymyzyň pähim-parasadyndan kemala gelen milli däp-dessurlarymyz, medeni gymmatlyklarymyz aýawly saklanylýar, arassa ahlakly, giň dünýägaraýyşly ýaşlar kemala getirilýär. Halkymyz tarapyndan asyrlarboýy ýokary ruhubelentlikde toýlanyp gelinýän milli baýramlarymyz täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Şol baýramlaryň biri bolan mukaddes Gurban baýramynyň eziz Diýarymyzyň ähli künjeklerinde şatlyk-şowhuna beslenip geçirilmegi, nurana baýram mynasybetli raýatlarymyzyň yslam dünýäsiniň mukaddesliklerine zyýarat etmekleri üçin ähli mümkinçilikleriň döredilmegi ata-babalarymyzdan gelýän milli däp-dessurlarymyza aýratyn sarpa goýulýandygynyň nyşanydyr.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Goý, mukaddes Gurban baýramy günlerinde ýurdumyzyň bedew batly gülläp ösüşleriniň, Ýer ýüzünde parahatçylygyň we asudalygyň berkarar bolmagynyň hatyrasyna ediljek doga-dilegler, beriljek gurbanlyk sadakalary Beýik Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«NUR BINA GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ýüpekçi HOJALYK JEMGYÝETI

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Ýer ýüzüniň musulman ymmatynyň, şol sanda halkymyzyň hem uly şatlyk-begenç bilen garşylaýan mukaddes Gurban baýramy ýetip geldi. Bu şatlykly baýram günlerinde halkymyz tarapyndan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi arzuwlanyp, gurbanlyk sadakalary berilýär, ýagşy doga-dilegler edilýär. Eziz Diýarymyzyň çar künjegini gurşaýan baýramçylyk dabaralary halkymyzyň agzybirligini, jebisligini has-da pugtalandyrýar, bagtyýar durmuşa buýsanyp, täze, belent sepgitlere ýetmäge ruhlandyrýar.

**Belent mertebeli Prezidentimiz!** Siz türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirmek bilen, milli däp-dessurlarymyzy, ynsanperwerlik ýörelgelerimizi has-da rowaçlandyrýarsyňyz. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda sünnäläp döreden watansöýüjilik, ynsanperwerlik, päk ahlaklylyk ýaly mukaddes ýörelgeleri täze döwrüň ruhunda dowam etdirilýär. Raýatlarymyzyň yslam dünýäsiniň mukaddesliklerine zyýarat etmekleri, oraza tutmaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Bularyň ählisi-de tämiz ahlak gymmatlyklarynyň, hoşniýetliligiň, haýyr-sahawatlylygyň giňden dabaralanýandygyny, jemgyýetimiziň we döwletimiziň sazlaşykly ösýändigini aýdyň görkezýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi adamzadyň belent ruhy we ahlak gymmatlyklaryny dabaralandyrýan Gurban baýramy bilen ýenede bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÝÜPEKÇI» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!


PETRONAS

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!

«Petronas» kompaniýasynyň adyndan Sizi we ähli türkmen halkyny mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Gurban baýramy ynsanperwerligiň, agzybirligiň we ruhy päkligiň baýramydyr. Şu sahawatly günlerde Size berk jan saglyk, uzak ömür we döwlet işleriňizde rowaçlyklary dileýäris. Goý, amala aşyrýan ähli asylly tutumlaryňyz we başlangyçlaryňyz üstünliklere beslensin!

**Baýramyňyz gutly bolsun!**

Size çuňňur hormat goýmak bilen,

PETRONAS kompaniýasynyň adyndan

## TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV HONORABLE PRESIDENT!

On behalf of Petronas Company, we extend our warmest and most sincere congratulations to You and the people of Turkmenistan on the occasion of the holy Eid al-Adha!

Eid al-Adha is a celebration of humanity, unity, and spiritual purity. On these blessed days, I wish you robust health, long life, and continued success in your state endeavors. May all your noble initiatives and reforms flourish for the prosperity of the country.

**Eid Mubarak!**

With deepest respect,

for and behalf of PETRONAS

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň öňüsyrasynda ildeşlerimiz tutuş dünýäniň zyýaratçylarynyň millionlarçasy bilen bir hatarda, şu sahawatly günlerde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp bolan dessurlary berjaý etmek üçin Mekgede hem-de Medinede bolýarlar. Zyýaratçylar yslam dünýäsinde mukaddes saýylýan Mekge-Medinä gidip, haj parzyny ýerine ýetirmäge zerur şertleriň döredilýändigi üçin Size tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini beýan edýärler, däp-dessurlarymyza döwlet derejesinde üns berilýändigi üçin tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarlar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Watandaşlarymyz haj parzyny berjaý edýän pursatlarynda Beýik Biribardan mähriban halkymyzyň bagtyýarlygyny, ata Watanymyzyň abadançylygyny, Siziň jan saglygyňyzy dileg edip, aýat-doga okarlar, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän beýik işlerde merdana halkymyza üstünlikleri arzuw ederler. Türkmen zyýaratçylarynyň doga-dilegleri Gudraty Güýçli Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.
«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY
RESMI DILERI

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Ýurdumyzda mukaddes baýram bolan Gurban baýramynyň uly dabara bilen bellenilmegine taýýarlyk görülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe erkana ýaşaýan halkymyz Gurban baýramyny asuda asmanyň astynda belläp geçmäge ähli mümkinçilikleri döredýändigiňiz üçin Size çäksiz hoşallyk sözlerini aýdýarlar. Gurbanlyk günleri türkmen halky sadaka edip, il-ýurt abadançylygyna, Siziň jan saglygyňyza ýagşy dilegler edýär.

Ýurdumyzda müňýyllyklaryň dowamynda dinini, däp-dessurlaryny we dilini arassa saklap gelen merdana halkymyzyň ruhy-ahlak gymmatlyklary, asylly ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär hem-de baýlaşdyrylýar. Nesillerden-nesillere geçip gelýän mukaddes ynançlar we adatlar, sahawatlylyk, hoşniýetlilik, birek-birege sarpa goýmak ýaly ynsanperwer däpler ösdürilýär. Ýurdumyzda Gurban baýramynyň döwlet derejesinde agzybirlikde bellenilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şöhratly ata-babalarymyzdan miras galan milli däp-dessurlarymyza, belent umumadamzat gymmatlyklaryna uly sarpa goýulýandygyny aýdyň tassyklaýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY
HYUNDAI

«MERTLIK RUHY» H.J.
«HYUNDAI»
Türkmenistandaky
Resmi distribýutory